# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
## – DÖWLETIMIZ DÜRLI ÝURTLAR, HALKARA GURAMALAR, ILKINJI NOBATDA, BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY BILEN YSNYŞYKLY GATNAŞYKLARY YZYGIDERLI PUGTALANDYRÝAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
28-nji fewral, 2025. Belgisi 9/1627




# ULAG ULGAMYNDA HALKARA HYZMATDAŞLYGY GIŇELDILÝÄR

**24-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň orunbasary hanym Rabab Fatimany kabul etdi.**

Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygyň we durnukly ösüşiň bähbidine gönükdirilen oňyn Bitaraplyk syýasatynyň ähmiýetini belledi hem-de pursatdan peýdalanyp, BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny ýetirdi.

Döwlet Baştutanymyz hanym Rabab Fatimany mähirli mübärekläp, BMG-niň Baş sekretaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de myhmanyň saparynyň çäklerinde şu ýylyň awgust aýynda Birleşen Milletler Guramasynyň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyny geçirmek maksady bilen gatnaşjak brifinginiň we duşuşyklaryň üstünlikli geçmegini arzuw etdi. Şeýle-de hormatly Prezidentimiz Rabab Fatimany Birleşen Milletler Guramasynyň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygy bilen tüýs ýürekden gutlady.

Döwlet Baştutanymyz BMG-niň 80 ýyllyk taryhynyň dowamynda öz binýadynda goýlan belent maksatlara hem-de wezipelere gyşarnyksyz eýerýändigini iş ýüzünde subut edendigini aýdyp, guramanyň ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy, ösüşi üpjün etmäge mundan beýläk-de saldamly goşant goşjakdygyna berk ynam bildirdi.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistan hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýerip, dünýä döwletleri we abraýly halkara guramalar bilen gatnaşyklary yzygiderli ösdürýär. Birleşen Milletler Guramasy, onuň ýöriteleşdirilen edaralary bilen alnyp barylýan köpugurly hyzmatdaşlyk hem munuň aýdyň mysalydyr. Şunuň bilen baglylykda, BMG bilen strategik hyzmatdaşlygyň Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigi nygtaldy. Hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly senesiniň giňden baýram edilýän ýylynyň Türkmenistanyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi ýurdumyzyň ählumumy parahatçylygyň, durnukly ösüşiň bähbidine öňe sürýän teklipleriniň dünýä jemgyýetçiliginiň giň goldawyna eýe bolýandygynyň aýdyň nyşanydyr.

Duşuşygyň dowamynda şu ýyl Birleşen Milletler Guramasynyň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça maslahatyny ýokary derejede geçirmek üçin alnyp barylýan guramaçylyk we taýýarlyk işleri barada pikir alşyldy. Döwlet Baştutanymyz häzirki wagtda Türkmenistanda ulag-kommunikasiýa pudagyny ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýändigini belläp, ýurdumyzyň geografik taýdan amatly ýerleşmeginiň ulag-logistika pudagyny ösdürmek üçin berk esas bolup durýandygyny, şoňa görä-de, sebit ähmiýetli Demirgazyk – Günorta, Gündogar – Günbatar halkara ulag geçelgelerini ilerletmek boýunça degişli işleriň geçirilýändigini aýtdy. Şunda bu ugurda alnyp barylýan yzygiderli işleriň çäklerinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň durnukly ulag boýunça kabul eden Kararnamalarynyň ähmiýeti bellenildi. 2022-nji ýylda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ulag ministrleriniň, halkara hem-de sebitara guramalaryň wekilleriniň gatnaşmagynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda halkara maslahat geçirildi. Onuň dowamynda durnukly üstaşyr ulag geçelgelerini döretmek ýaly möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň geljekde-de Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen edaralary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy giňeltmäge taýýardygyny tassyklap, BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary Rabab Fatima berk jan saglyk, bagtyýarlyk, jogapkärli işinde üstünlikleri arzuw etdi.

## PARAHATÇYLYGYŇ AÝDYŇ ÝOLY



**Hormatly Prezidentimiziň başlangyçlaryndan gözbaş alýan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň çuňňur manymazmunyny özünde jemleýän her günümiz ata Watanymyza, ösüşli döwrümize bolan buýsanjymyzy barha beýgeldýär. Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamasy esasynda 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmeginiň düýp özeninde hem Gahryman Arkadagymyz tarapyndan öňe sürlen, halkara gatnaşyklary pugtalandyrmagyň «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly täze filosofiýasy, türkmen Bitaraplygynyň mazmunyndan gelip çykýan umumadamzat ähmiýetli ynsanperwer taglymatlar durýar.** 3

## ARKADAG ŞÄHERINIŇ DÖWREBAP TEHNOLOGIÝALARY




Häzirki wagtda Köpetdagyň ajaýyp dag eteginde ýerleşýän sanly, maglumat-aragatnaşyk we «ýaşyl» tehnologiýalara esaslanýan Arkadag şäherini döwrebap derejede ösdürmek ugrunda giň gerimli işler alnyp barylýar. «Akylly» şäher konsepsiýasy esasynda bina edilen we milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribesiniň utgaşdyrylan künjegi bolan bu şäheriň internet ulgamynyň mümkinçilikleri hem barha giňeldilýär. Golaýda Gahryman Arkadagymyz şäheriň çäklerinde gurulmagy meýilleşdirilýän desgalaryň şekil taslamalary bilen tanyşdy, degişli ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi we aragatnaşyk düzüminiň döwrebap derejede kämilleşdirilmegine ak patasyny berdi. 3

# Saglyk merkezleri halkara güwänamalara mynasyp boldy

Geçen ýyl Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni mynasybetli Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda paýtagtymyzda sebitde deňitaýy bolmadyk, öňdebaryjy tehnologiýalar bilen üpjün edilen 400 orunlyk




Halkara sagaldyş-dikeldiş merkezi hem-de 250 orunlyk Halkara fiziologiýa ylmy-kliniki merkezi açylyp ulanmaga berildi. Bu lukmançylyk merkezleri Germaniýa Federatiw Respublikasynyň «Rat für Formgebung German Design Council» edarasy tarapyndan taslamalarynyň bezeg we binagärlik aýratynlyklary, şeýle-de dünýä ülňülerine laýyk gelýän innowasion enjamlar bilen üpjün edilendigi üçin «German Design Award Winner 2025» atly güwänamalara mynasyp boldy.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda, Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary esasynda ulanmaga berlen Halkara sagaldyş-dikeldiş merkezi hem-de Halkara fiziologiýa ylmy-kliniki merkezi ýokary halkara ykrarnama mynasyp boldy. Bu merkezleriň gurulmagy «Gap Inşaat Ýatyrym we Dyş Tijaret A.Ş.» türk kompaniýasy üçin uly üstünlik boldy. Olaryň taslamalary kompaniýa Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Frankfurt şäherinde «Ajaýyp binagärlik», «Ajaýyp aragatnaşyk dizaýny», «Önümiň ajaýyp dizaýny» ýaly ugurlar boýunça «Rat für Formgebung German Design Council» edarasy tarapyndan geçirilen bäsleşige gatnaşyp, onda ýeňiji bolmaga ýardam etdi. Bu bäsleşigiň GFR-iň Federal Hökümetiniň goldaw bermeginde Frankfurt şäherinde her ýyl geçirilýändigini bellemek gerek.

Abraýly güwänamalaryň berilmegi bu saglyk merkezleriniň halkara derejede ykrar edilýändiginiň ýene bir aýdyň mysalydyr. Ilatyň saglygyny bejermäge we dikeltmäge gönükdirilen şeýle ajaýyp desgalaryň gurlup ulanmaga berlendigi üçin ildeşlerimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza hem-de lukman Arkadagymyza akyşlaryny aýdýarlar.

# Türkmenistan – Türkiýe: parlamentara gatnaşyklar pugtalanýar

*Hormatly Prezidentimiziň goldawlary netijesinde Türkmenistanyň Mejlisiniň dünýä ýurtlarynyň parlamentleri bilen hyzmatdaşlygynyň giňeldilmegi üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Şunuň bilen baglylykda, 24-25-nji fewralda Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowanyň ýolbaşçylygyndaky parlament wekiliýeti Türkiýäniň Ankara şäherinde iş saparynda boldy.*

Saparyň çäklerinde türkmen wekiliýetiniň agzalarynyň Türkiýe Respublikasynyň Beýik Millet Mejlisiniň Başlygy Numan Kurtulmuş bilen ikitaraplaýyn duşuşygy geçirildi. Onda Türkmenistanyň başlangyjy esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamasynyň kabul edilmeginiň wajypdygy nygtaldy. Şunuň bilen baglylykda, bu teklibi goldandygy üçin türkmen tarapynyň Türkiýe Respublikasynyň Hökümetine hoşallygy beýan edildi. Saparyň çäklerindäki duşuşyklaryň we gepleşikleriň parlamentara gatnaşyklaryň mundan beýläk-de pugtalandyrylmagyna ýardam berjekdigine ynam bildirildi. Nygtalyşy ýaly, parlamentara dialog döwletara hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmagyň möhüm düzüm bölegidir. Ikitaraplaýyn esasda hereket edýän parlamentara dostluk toparlary bolsa kanun çykaryjylyk işinde we parlament diplomatiýasyny ösdürmekde tejribe alyşmaga mümkinçilik döredýär.

Gepleşikleriň dowamynda Türkiýe Respublikasynyň Beýik Millet Mejlisiniň Başlygy Türkmenistanyň Mejlisine Türki döwletleriň Parlament Assambleýasyna agza bolmagy teklip etdi. Numan Kurtulmuş Türki Döwletleriň Guramasynyň işine uly üns berýändigi üçin hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, dostlukly salamyny hem-de türkmen halkyna gülläp ösüş baradaky arzuwlaryny ýetirmegini haýyş etdi.

Ankarada bolmagynyň çäklerinde Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy D.Gulmanowa Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan tarapyndan kabul edildi. Milli parlamentiň ýolbaşçysy dostlukly ýurduň Baştutanyna hormatly Prezidentimiziň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi. Şeýle-de doganlyk döwletiň Prezidentine Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy hem-de Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly mynasybetli şu ýylyň dekabr aýynda Aşgabatda döwlet Baştutanlarynyň we halkara guramalaryň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda geçiriljek halkara foruma gatnaşmak üçin türkmen halkynyň Milli Lideriniň adyndan çakylyk haty gowşuryldy. 2



## TÄZE SEPGITLER, ULY ÜSTÜNLIKLER



**Ylmy çemeleşmä, hojalygy netijeli ýöretmäge we meýilnamalaşdyrmaga esaslanýan Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň strategiýasy hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu strategiýa ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmaga, diwersifikasiýalaşdyrmaga we sanlylaşdyrmaga, bazar düzümleriniň we döwlet gözegçiliginiň netijeli sazlaşygyna, iň täze tehnologiýalaryň, innowasiýalaryň giňden ornaşdyrylmagyna, ýurdumyzyň dünýä hojalyk gatnaşyklarynyň ulgamyna işjeň goşulyşmagyna, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagyna gönükdirilendir.** 3

### Müsürde faraonyň aramgähi tapyldy



Müsürde faraon Tutmos II aramgähi tapyldy. Gazuw-agtaryş işleri Müsüriň gadymyýet geňeşi we döwlet ylmy gözlegler merkezi tarapyndan guralan müsür-britan arheologik missiýasynyň gatnaşmagynda gadymy Luksor şäheriniň golaýynda geçirildi. 4

### Italiýanyň meşhur 10 tagamy



Dünýäniň syýahatçylyk babatda ösen ýurtlarynyň biri bolan Italiýanyň ady agzalanda ilki bilen meşhur tagamlary ýadyňa düşýär. Baý taryhy mirasy bolan bu ýurduň her şäherinde we sebitinde özüne mahsus lezzetli tagamlar taýýarlanýar. 5

### 75-nji Berlin film festiwaly tamamlandy




Kino sungatynyň iň uly 3 festiwalynyň biri bolan «Berlinale» tamamlandy. 75-nji gezek geçirilen we 11 günläp dowam eden festiwalda baş baýraga – «Altyn aýy» baýragyna «Düýşler» (Drommer) filmi laýyk görüldi. 6

### Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň bijeleri çekildi



UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň bijeleri az salym öň çekildi. Bijä laýyklykda, Madrid derbisi, şol sanda-da nemes derbisi oýnalar. Ýagny «Real» şäherdeşi «Atletiko» bilen, «Bawariýa» bolsa «Baýer» bilen bije çekişdi. 7

## Uçarda iki gatly oturgyç ulgamy

«Airbus» kompaniýasy «Chaise Longue» dizaýn kompaniýasy bilen bilelikde uçarlar üçin iki gatly oturgyç ulgamyny işläp taýýarlady. Bu ulgam uçar kabinasyny has netijeli peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Täze dizaýnda oturgyçlar gezekli-gezegine, biri aşakda, beýlekisi birneme ýokarda ýerleşdirilen. Ýokarky oturgyçda oturan ýolagçylar oturgyjyny dolulygyna diýen ýaly arkanlygyna ýatyryp bilýär. Aşakda oturan ýolagçynyň bolsa, aýagyny uzatmak üçin has köp boş ýer bolar.



«Chaise Longue» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Alehandro Nunýes Wisente oturgyçlaryň ozalkylardan diňe rahatlyk babatda däl, arassaçylyk babatda hem has amatly boljakdygyny belleýär. Bu usulda ýolagçylaryň arasyndaky galtaşyk hem azalýar. Bu taslamanyň entek gutarnykly däldigi we has-da kämilleşdirilýändigi bellenildi.

**Myratnepes NURNEPESOW,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## Emeli aň tarapyndan döredilen suratlaryň sergisi

«Christie's» auksion öýi diňe emeli aň tehnologiýasy tarapyndan döredilen sungat eserleriniň sergisini we auksionyny açdy. Auksion öýi mundan ozal hem emeli aň tarapyndan döredilen suraty satypdy. Emma bu sergide diňe emeli aň tarapyndan döredilen suratlar satuwa çykarylýar. 20-nji fewralda açylan «Artdyrylan aň» atly serginiň 5-nji marta çenli dowam etjekdigi mälim edildi. Sergide suratlardan başga-da heýkeller hem bar. Sergidäki ýene bir täsin zat bolsa, uzynlygy 3,7 metre barabar bolan surat çekýän robotdyr. Bu robotyň surat çekýän pursatyna tomaşa etmek tölegli. Emeli aň tarapyndan döredilen eserleriň satuwyndan auksion öýüne azyndan 600 müň dollar girdeji gelmegine garaşylýar.



**Baýram DÖWLETOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, podpolkownik.*

## Iň gowy köprüler

«Daily Mail» iňlis neşiri syýahatçylyk bilermenleriniň maslahatlary esasynda dünýäniň iň gowy köprüleriniň sanawyny taýýarlady. Neşir okyjylara bu köprülerden geçip görmegi maslahat berýär. Habarda bu desgalaryň golaýyndaky owadan tebigy gözelliklere syn etmegiň tolgundyryjydygy aýdylýar.



Sanawyň başynda Pragadaky Çarlz köprüsi, Nýu-Ýorkdaky Bruklin köprüsi, Budapeştdäki Zynjyrly köpri, Şweýsariýadaky Kapell köprüsi, Berlindäki Oberbaum köprüsi, Sidneýdäki Port köprüsi, San-Fransiskodaky «Golden Gate» köprüsi, Şwesiýadaky Eresunn köprüsi, Wýetnamdaky Altyn köpri bar. Makalada bu köprüleriň golaýyndaky taryhy ýadygärlikler we tebigy gözellikler barada hem bellenilip geçilýär.

**Adyl IŞANGULYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Arassa energiýa pudagyna goldaw berer

Ýewropa Bileleşigi arassa energiýa pudagynyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak hem-de bu pudagyň ugleroddan saplanmagyna goldaw bermek maksady bilen täze maksatnama işläp taýýarlady. Maksatnama görä, senagat infrastrukturasyna goldaw berlip, innowasiýanyň çaltlandyrylmagy, durnukly we önümçiligiň artdyrylmagy göz öňünde tutulýar. Şeýle hem energiýany has köp talap edýän senagata we arassa energiýa pudagyna ýeňillik dörediler. Ýewropadaky senagatyň uglerodsyzlaşdyrylmagy üçin goldaw berlip, senagat pudagy elýeterli bahadan energiýa bilen üpjün ediler. Maksatnamanyň çäklerinde sebitde ýerli önümçilik artdyrylar, içerki elektrik geçirijiler güýçlendiriler we energiýada dolulygyna sazlaşykly ulgam döredilmegi üçin tagalla ediler. Ýewropada arassa energiýanyň önümçilik tehnologiýasynyň öndürilişi hem köpeldiler. Ýewropa komissiýasy Senagaty uglerodsyzlaşdyrmak bankynyň gurulmagyny hem teklip edýär.



**Selim HUDAÝNAZAROW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Girdejisini artdyrdy

Soňky ýyllarda ýarymgeçiriji önümçiligini amala aşyrýan kompaniýalaryň girdejileri barha ýokarlanýar. Emeli aň tehnologiýasyna maýa goýulmagy bolsa, şeýle kompaniýalaryň girdejilerini has-da ýokarlandyrýar. Bu ugurda iş alyp barýan «Nvidia»-nyň girdejisi soňky üç aýda 78 göterim ýokarlanyp, 39,3 milliard dollara ýetipdir. Şeýlelikde, kompaniýanyň ýanwar aýynyň ahyrynda tamamlanan degişli döwürdäki girdejisi bilermenleriň çaklamalaryndan ýokary bolupdyr. «Nvidia»-nyň girdejisi geçen ýylyň degişli döwründäkiden 12 göterim köp bolupdyr. 2024-nji ýylyň agzalan döwründe kompaniýa 22,1 milliard dollar girdeji gazanandygyny mälim edipdi. Geçen maliýe ýylynyň dowamynda bolsa, kompaniýanyň girdejisi 114 göterim ýokarlanyp, 130,5 milliard dollara ýetipdir. Şu çärýekde bolsa, 43 milliard dollar girdejä garaşylýandygyny mälim etdi.



**Näzik HUDAÝBERDIÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Kömür ulanmagy bes eder

Dünýäniň köp ýurdunda elektrik energiýasyny öndürmekde ýa-da senagatyň beýleki ugurlarynda kömür ulanylýar. Howany hapalaýan bu energiýa çeşmesiniň azaldylmagy üçin dürli taslamalar durmuşa geçirilýär. Senagat taýdan ösen ýurtlaryň biri bolan Wýetnam 2050-nji ýyla çenli «nol uglerod» maksatnamasyna ýetmek üçin kömür bilen işleýän desgalaryny tapgyrlaýyn ýapmak üçin maksatnama taýýarlady. Ýurtda gaýtadan dikeldilýän energiýanyň möçberi 37,7 göterime ýetiriler. Kömür bilen işleýän beketler bioýangyç we ammoniý bilen işlejek ýagdaýa getiriler, olaryň çäginde uglerod tutujy tehnologiýalar oturdylar. Şeýle hem kömür bilen işleýän täze desgalaryň gurulmagyna rugsat berilmez. Bilermenler birnäçe ýyldan bäri elektrik energiýasyny gaýtadan dikeldilýän çeşmelerden almagyň gazylyp alynýan çeşmelerden almakdan has arzan düşýändigini belleýärler. Wýetnamda öndürilýän elektrik energiýasynyň ýarysyna golaýy kömür ýakýan beketlerden alynýar.



**Begenç NURYÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# TÜRKMENISTAN – TÜRKIÝE: PARLAMENTARA GATNAŞYKLAR PUGTALANÝAR

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Türkiýe Respublikasynyň Baştutany öňde boljak foruma gatnaşmaga iberilen çakylyk üçin Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi. Şunuň bilen baglylykda, Rejep Taýyp Ärdogan Türkiýäniň Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamasynyň kabul edilmegini goldandygyny buýsanç bilen nygtady. Ol 70 ýaş toýy mynasybetli, hormatly Prezidentimiziň Permany bilen, Türkmenistanyň «Hormatly il ýaşulusy» diýen adynyň dakylmagynyň özi üçin uly hormat bolandygyny we ony iki halkyň arasyndaky doganlyk gatnaşyklarynyň nyşany hökmünde kabul edendigini aýtdy.

Duşuşykda türkmen tebigy gazynyň «swap» usuly arkaly Eýranyň üsti bilen Türkiýä iberilmegi üçin ylalaşygyň gazanylandygy nygtaldy. Mundan başga-da, dostlukly ýurduň Baştutany Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesine uly hormat goýýandygyny, onuň Türki Döwletleriň Guramasyna agza bolmagyna garaşýandygyny belledi. Dostlukly we oňyn ýagdaýda geçen duşuşygyň ahyrynda Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygyndan hormatly Prezidentimize we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyza doganlyk salamyny hem-de Türkmenistana we onuň halkyna abadançylyk, rowaçlyk, gülläp ösüş baradaky arzuwlaryny ýetirmegini haýyş etdi.

Türkmen parlamentarileriniň Türkiýe Respublikasyna iş sapary gadymdan bäri taryhy kökler, medeni, ruhy umumylyklar bilen baglanyşykly bolan türkmen we türk halklarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň häzirki wagtda özara hormat goýmak, ynanyşmak, deňhukuklylyk ýörelgelerinde ähli ugurlar boýunça ösdürilýändigini, täze mazmun bilen baýlaşdyrylýandygyny nobatdaky gezek açyp görkezdi.

# IPPOTERAPIÝA BEJERGILERI ÜSTÜNLIKLI AMALA AŞYRYLÝAR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eziz Diýarymyzda döwrebap hassahanalaryň, anyklaýyş merkezleriniň, saglygy goraýyş edaralarynyň gurlup, halka ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlarynyň edilmegi babatda durmuşa geçirilýän işler aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. «Saglyk» Döwlet maksatnamasy esasynda gurlan saglyk maksatly binalar, oba saglyk öýleri, hassahanalar, şypahanalar we beýleki desgalar, ilkinji nobatda, nesil sagdynlygyny üpjün etmäge niýetlenendir.



Çagalary hemmetaraplaýyn alada, mähir we söýgi bilen gurşap almak türkmen halkyna mahsus ýörelgedir. Munuň özi häzirki wagtda ýaş nesliň abadan geljegi ugrunda durmuşa geçirilýän asylly işlerde has aýdyň ýüze çykýar. Bu ugurda 2021-nji ýylda döredilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň giň gerimli işleri alyp barýandygyny bellemek gerek. Çagalara paýtagtymyzyň, welaýatlaryň lukmançylyk edaralarynda dürli operasiýalary geçirmek, bejergi üçin çykdajylara, çagalar öýlerinde we mekdep-internatlarda terbiýelenýän ýaş raýatlar üçin lukmançylyk maksatly enjamlary satyn almaga pul serişdelerini bölüp bermek asylly däbe öwrüldi.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde dikeldiş bejergilerini alýan çagalara Gahryman Arkadagymyzyň halypalyk, lukman maslahaty we teklipleri boýunça adaty dikeldiş bejergileri bilen bir hatarda tebigy dikeldiş bejergisi bolan ippoterapiýa bejergileri hem üstünlikli amala aşyrylýar. Lukman Arkadagymyzyň öz ylmy eserlerinde belleýşi ýaly, milli mirasymyza degişli bolan ahalteke bedewleriň aýratynlyklary, olaryň gözelligi, ýyndamlygy, owadanlygy, gelip çykyşy tebigatyň täsinligi bolup, diňe bir milli mirasymyza, tebigy gözelliklere degişli bolmak bilen çäklenmän, eýsem, güýçli bejeriji häsiýete eýedir. Ahalteke bedewlerimiziň adamyň saglygyny dikeltmekde ýetirýän täsiriniň örän uludygyny we onuň ähmiýetlidigini lukmançylykda meşhurlyk gazanan alymlar hem beýan edipdirler.

Belläp geçsek, dürli keselleriň dikeldiş bejergisinde köplenç tebigy şertler ulanylýar. Olara suw bejergisi bolan balneoterapiýa, çäge bilen bejergi – psammoterapiýa, läbik bilen bejergi – pelloidoterapiýa, Gün şöhlesi bilen bejergi – gelioterapiýa we şular ýaly başga-da ençeme tebigy häsiýetli bejergiler degişlidir. Ippoterapiýa bolsa, bedewiň tebigy güýjüni ulanmak arkaly bejergidir.

**Gülnar SAPARMÄMMEDOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň farmakologiýa kafedrasynyň uly mugallymy.*

# SUNGAT USSATLARYNYŇ SARPASY BELENT TUTULÝAR

Ýurdumyzyň medeniýet ulgamyndaky döwlet syýasaty türkmen jemgyýetiniň ruhy kuwwatyny berkitmäge, aň-bilim derejesini artdyrmaga, medeni-ahlak gymmatlyklaryny we ruhy bitewüligini aýawly saklamaga gönükdirilendir. Medeniýet ulgamynda gazanylan üstünlikler sungatyň dürli görnüşlerini gaýtadan dikeltmäge we ösdürmäge, şeýle-de giň halkara medeni gatnaşyklary has-da işjeňleşdirmäge ýardam edýär.



Şeýle hem ýurdumyzda meşhur sungat ussatlarynyň sarpasy belent tutulýar. Ýurdumyzyň aýdym-saz sungatynda öçmejek yz galdyran şeýle şahsyýetleriň biri hem Türkmenistanyň halk artisti, «Türkmen bilbili» ady bilen ýurdumyzdan daşarda-da uly meşhurlyga eýe bolan opera aýdymçysy Medeniýet Şahberdiýewadyr. Ýaňy-ýakynda ýurdumyzyň taryhy künjekleriniň biri bolan Kerki şäherinde meşhur aýdymçynyň doglan gününiň 95 ýyllygyna bagyşlanyp dabaralar geçirildi. Aýdymçynyň doglan gününe bagyşlanan dabaranyň geçirilýän ýeri hökmünde Kerki şäheriniň saýlanyp alynmagy tötänlik däldir. Ussadyň bu gadymy şäherde doglandygyna, çagalyk ýyllarynyň şu ýerde geçendigine etrabyň ýaşaýjylary buýsanýarlar.

Halypa ussadymyz dürli döwürlerde ýapon we rus şahyrlarynyň sözlerine döredilen aýdymlary hem ussatlyk bilen ýerine ýetiripdir. Olaryň arasynda ýapon şahyry Kitahana Hakisýunyň «Aýly agşam», Sadze Ýesoň «Sary bilbil», rus şahyry S.Ýeseniniň sözlerine döredilen «Eller gysylýar», «Eliňi ber, goşa guw», A.Alýabýewiň «Soloweý» ýaly onlarça aýdymlary bar. Dünýä halklary bilen dost-doganlygy ösdürmek, parahatçylyk temasy ussat halypanyň aýdan ähli aýdymlarynyň içinden eriş-argaç bolup geçipdir.

Mundan başga-da, dünýä belli opera aýdymçysy Polşa, Kanada, Hindistan, Germaniýa, Fransiýa, Şwesiýa ýaly ýurtlarda bolup, türkmen opera sungatynyň ýyldyzy hökmünde özüni tanadypdyr.

**Leýla ÝEGELEKOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

# RAÝAT AWIASIÝASYNYŇ DÖWREBAP HOWA MENZILI

Ulag ulgamynda özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmek, şol sanda BMG-niň hem-de beýleki abraýly halkara guramalaryň çäklerinde hyzmatdaşlyk meselelerinde eýeleýän işjeň ýörelgesine ygrarly bolan ýurdumyz iri düzümleýin taslamalary daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bilelikde amala aşyryp,



netijeli halkara hyzmatdaşlygynyň pugtalandyrylmagyna hem-de giňeldilmegine uly goşant goşýar. Munuň şeýledigine ýurdumyzda gurlan we gurulýan, dünýä ülňülerine laýyk gelýän halkara demir ýollary, ýokary tizlikli awtomobil ýollary, deňiz porty we howa menzilleri şaýatlyk edýär.

«Türkmenistanyň raýat awiasiýasyny ösdürmegiň 2012 – 2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyny» tapgyrlaýyn amala aşyrmagyň çäklerinde ýerine ýetirilen işleriň netijesinde, ýurdumyzyň ähli howa menzilleri halkara ülňülerine laýyk derejä getirildi.

Ýurdumyzda ulag we kommunikasiýalar toplumyna degişli önümçilik, durmuş maksatly desgalaryň gurluşygy giň gerim bilen alnyp barylýar. Gahryman Arkadagymyzyň ak pata bermegi bilen gurluşygyna girişilen Balkan welaýatynyň Jebel şäherçesinde ýerleşýän Halkara howa menzili hem iň kämil aeronawigasiýa düzümleri we tehnologiýalar bilen üpjün ediler. Sagatda 100 ýolagça niýetlenen döwrebap howa menzili ýolagçylary gatnatmakda, ýükleri daşamakda ýerli we daşary ýurt gatnawlaryna halkara hil ülňülerine laýyk hyzmat etmäge mümkinçilik berer. Halkara howa menzilinde uzynlygy 3 müň 200 metre barabar bolan döwrebap uçuş-gonuş zolagy, öwrüm ýollarynyň ikisi, alty uçara hem-de dört dikuçara niýetlenen meýdança, beýikligi 35 metre barabar bolan howa hereketini dolandyryş diňi ýerleşer. Häzirki wagtda gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýan howa menziliniň işe girizilmegi bilen ýurdumyzyň günbatar sebitiniň söwda-ykdysady gatnaşyklary we syýahatçylygy has-da öser.

**Ybraýymhalil ORAZDURDYÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

# TÜRKMEN BITARAPLYGY – PARAHATÇYLYGYŇ MÖHÜM ŞERTI

Häzirki wagtda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesi döwrüň möhüm meselelerini çözmekde döwletlerdir halkara guramalaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy höweslendirmäge oňyn täsir edýän şert hökmünde çykyş edýär. Şeýle hem ol köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk esasynda BMG-niň wezipeleriniň üstünlikli durmuşa geçirilmegine ýardam bermäge gönükdirilendir.



Türkmenistan üçin iki sene – Bitaraplygynyň 30 ýyllygy we BMG-niň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygy aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ýurdumyzyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi parahatçylyk söýüjilikli syýasatymyzyň dünýä derejesinde uly goldawa mynasyp bolýandygyny nobatdaky gezek subut etdi. Gahryman Arkadagymyzyň maslahatlaryndan ugur alyp, şu ýylyň dowamynda durmuşa geçirilmeli milli we halkara ähmiýetli işleriň Konsepsiýasynyň kabul edilmegi aýratyn mana eýe bolup, munuň özi döwletimiziň parahatçylyk döredijilikli başlangyçlaryny has-da ilerletmekde möhüm ähmiýete eýedir.

Häzirki wagta çenli ýurdumyzyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň birnäçe Kararnamasy kabul edildi. Diňe 2024-nji ýylda ýurdumyzyň teklibi boýunça 4 sany Kararnama, ýagny «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly», «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary», «Merkezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy», «Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakyndaky Şertnama» atly resminamalar kabul edildi. Sebit we ählumumy derejede parahatçylygy goldamaga gönükdirilen bu Kararnamalaryň kabul edilmegi döwlet Baştutanymyzyň çuňňur oýlanyşykly daşary syýasat strategiýasynyň üstünlikli amala aşyrylýandygyna şaýatlyk edýär.

«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygary astynda geçýän ýylymyzda amal ediljek beýik işler, oňyn özgertmeler täze ösüşlere ýol açmak bilen birlikde, ýurdumyzyň halkara giňişlikde öňe sürýän umumadamzat bähbitli başlangyçlarynyň giňden wagyz edilmeginde, dostluk, oňyn hyzmatdaşlyk, parahatçylyk söýüjilik ýörelgeleriniň ilerledilmeginde möhüm ähmiýete eýe bolup, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Ýer ýüzündäki abraý-mertebesini has-da belende göterer.

**Kümüş BAÝRAMOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň uly mugallymy.*

# ON BIR AÝYŇ SOLTANY REMEZAN GELDI

On bir aýyň soltany mukaddes Remezan aýy ýetip geldi. Ertir Oraza aýynyň ilkinji güni. Şu gün ýurdumyzyň metjitlerinde tarawa namazy okalar. Çagalar bolsa ýaremezan aýdyp, Remezan aýynyň başlanandygyny buşlaýarlar.

Arap dilinde «sawm» we «siýam» sözleri agyz beklemek diýmegi aňladyp, «Erbetlik, şerden daş durmak, özüňi saklamak, böwet bolmak» manylarynda ulanylýar. Oraza selälik wagtynyň gutaryp, ertir namazy wagtynyň girmegi bilen başlap, tä Gün ýaşyp, agşam namazynyň wagty başlanýança aralykda hiç zat iýmän-içmän, öz nebsiňi saklamak diýmekdir. Oraza tutmak yslamyň bäş şertiniň biridir. Oraza hem namaz ýaly, beden bilen amal edilýän ybadatdyr. Bu ybadatyň iň esasy aýratynlygy ynsany erbetlikden saklamagy, nebsiň dürli ham-hyýallaryny jylawlamagydyr. Mübärek Remezan aýy tutuş Ýer ýüzi üçin rahmet-merhemet aýy hasap edilýär. Musulmanlaryň ählisi mübärek Remezan aýynyň gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşýarlar.

Bu aýda has köp ýagşylyk etmäge çalyşmaly, çünki aýyň sogaby beýleki aýlaryňkydan has köp bolýar. Birek-birege mähirli, hoşgylaw bolmaly. Ýardama mätäç bolsa, kömek etmeli.



Ata-enelerimiz, ýakyn garyndaşlarymyz, dost-ýarlarymyz bilen habarlaşyp, hal-ahwal soraşyp durmaly. Bu aýda hassalaryň ýagdaýyny soramagyň, olara goldaw-hemaýat etmegiň, ýagşy günlere, ýagty geljege umytlandyrmagyň hem has uly sogaba eýe edýändigi nygtalýar.

Oraza tutmak ynsanlara ybadaty berjaý etmegi, şepagatly bolmagy ündeýär, nebsine buýurmaga, ýaramaz endiklerden saklanmaga kömek edýär. Agyz beklemegiň ilkinji peýdasy ruhy taýdan tämizlenmekdir. Pygamberimiz hadysynda: «Oraza tutuň, bedeniňiz berk we sagdyn bolsun!» diýipdir. Agyz beklemek ynsanyň saglygyna hem peýdaly bolup, iýmit siňdiriş ulgamynyň işini ýeňilleşdirýär. Agyz beklemek köp kesellerden goranmaga we saplanmaga hem ýardam edýär. Bu döwürde içki beden agzalarynda «tämizleniş işi» bolup geçýär.

Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysy» atly kitabynda «Oraza tutmak hem ruhy, hem beden saglygy üçin örän peýdalydyr. Bu aýy agyz beklemek we köp ýagşy işleri etmek bilen geçiren adamyň göwni galkynýar, ruhy belent bolýar. Ruhubelentligiň bolsa ynsanyň beden sagdynlygyna uly täsir edýändigi äşgärdir. Bu düzgünler agyz bekleýän adamdan diňe iýip-içmekden däl, eýsem, ýaramaz endiklerden hem gaça durmagy talap edýär» diýip belleýär.

Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy bolsa, bu mukaddes aýy şeýle beýan edipdir:

**Magtymguly, terk eýleme edasyn,**
**Terk eýleseň – tutawergil kazasyn,**
**Magnysyna ýetip bilseň mazasyn,**
**Ajap pişe, ajap kärdir bu roza.**

Bu mukaddes aý dilegleriň kabul bolýan aýydyr. Oraza aýynda dünýäniň ähli musulmanlaryna ýagşylyk, eziz Watanymyza täze sepgitlere ýetmegi, halkymyza agzybirlik, türkmen halkynyň Milli Lideri hajy Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli tutumly işleriniň hemişe rowaç bolmagyny dileg edýäris. Goý, Oraza aýynda okaljak doga-dilegler, beriljek sadaka-pitreler, her bir päk arzuw-niýetler Beýik Allanyň dergähinde kabul bolsun!

**Agaröwşen IŞANGULYÝEW,**
*Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Tagtabazar etrap komitetiniň başlygy.*

# SANLY ULGAM WE DÖWREBAP ŞERTLER

Garaşsyz Türkmenistanda sanly ulgamy durmuşyň ähli ugurlaryna ornaşdyrmagyň wezipeleri her birimiziň durmuşymyz bilen hem aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şunuň bilen baglylykda, täze düşünjeleriň birnäçesi durmuşymyza ornaşýar, olar jemgyýetçilik aňynyň baýlaşmagyna täsirini ýetirýär. Ylym-bilimi öwrenmekde hem sanly ulgamdan peýdalanmagyň iňňän uly ähmiýeti bolup, sanly matematika, sanly ykdysadyýet, sanly psihologiýa ýaly düşünjeler aňymyza ornaşyp, täze garaýyşlaryň döremegine ýardam edýär. Häzirki döwürde dünýäniň kitap söýüjileri üçin psihologiýa degişli kitaplar has gyzyklydyr. Munuň şeýledigininiň dürli sebäpleri bar. Ýöne islendik ýagdaýda alnanda hem, sanlylaşdyrylmagyň netijeleri örän gyzyklydyr. Meselem, sanly psihologiýa akyl-paýhasyň tertip-düzgünliligini hem-de göwnüň isleginiň ýerine ýetirilmegini öwrenýär. Şu hem bu ugruň adamyň anyk bir adamyň ejiz hem-de güýçli taraplaryny açyp, ondaky energiýany nähili dolandyrmagyň ýollaryny salgy berýän numerologiýadan tapawutly tarapydyr.

Sanly psihologiýanyň çäklerinde geçirilýän derňewlerde sanly gurallaryň hem-de giňişligiň adamzadyň tejribesini hem-de jemgyýetçilik kada-kanunlaryny nähili ýagdaýda kemala getirýändigi babatyndaky sowallar öwrenilýär.

Umuman, häzirki döwürde sanlylaşma durmuşyň ähli ugurlaryna öz täsirini ýetirmek bilen, jemgyýetiň sosial toparlara bölünmesine, ilatyň saglygyna we ömrüne, ekologiýa we howanyň üýtgemegi ýaly global meseleleriň çözülmegine hem täsirini ýetirýär. Garaşsyz



Türkmenistanda sanly ykdysadyýetiň ornaşdyrylmagy babatda durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň netijeliligi bolsa, biziň her birimiziň sanly ulgam boýunça düşünjelerimiziň yzygiderli baýlaşmagyny möhüm talap hökmünde öňe çykarýar.

**Merdan ATAÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.*

## Uçýan awtoulag hakykata öwrülýär

ABŞ-nyň «Alef Aeronautics» kompaniýasynyň işläp taýýarlan awtoulagynyň ilkinji synag uçuşy amala aşyryldy. Mundan ozal hem uçýan ulaglaryň dürli görnüşleri işlenip taýýarlanylypdy. Emma bu ulagyň görnüp duran ganatlary ýok. Ýerde sagatda 320 kilometre, howada 180 kilometre çenli tizlik bilen hereket edýän «Model A» atly ulagyň ganaty we peri kapotyň aşagynda ýerleşdirilipdir. Bilermenler elektrik energiýasy bilen işleýän bu ulagyň ýol dyknyşygynyň öňüni almakda peýdaly boljakdygyny belleýärler. Synag uçuşy Kaliforniýa ştatynda ulag hereketiniň dowam edýän ýolunda amala aşyryldy. Synag uçuşynda innowatiw ulag dikligine göterilip, öňünden barýan ulagyň öňüne geçip, gaýtadan gondy.



Kompaniýa mundan ozal uçýan ulaglar bar hem bolsa, «Model A»-nyň dikligine uçýan ilkinji ulagdygyny belledi. Uçýan ulag bir gezeklik zarýady bilen howada 177 kilometr, ýerde 322 kilometr ýol geçip bilýär. Ulagda sekiz sany aýlanýan per bar.

Ulagyň bahasynyň 300 müň dollardygy we ýylyň ahyrynda müşderilere ýetirilip başlanjakdygy mälim edildi.

Uçýan ulag geçen ýylyň martynda Barselonada «MWC 2024» sergisinde köpçülige tanyşdyrylypdy.

**Nowruz MYRATDURDYÝEW,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Fewral aýynyň 28-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-115834
Belgisi: 9/1627
Tiražy: 8235
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde

**Innowasion gämi guruldy.** Hytaýly inženerler nebiti çykarmak, saklamak we daşamak üçin niýetlenen äpet innowasion gämini gurdular. Gäminiň uzynlygy 333 metr, ini 60 metr. Ol her gün 120 müň barrel çig nebit çykarmaga ukyplydyr. Şeýle-de bu gämi tüssäniň ýylylygyny elektrik energiýasyna öwürýär.



**Gadymy bazilika tapyldy.** Londonda gurluşyk işlerine taýýarlyk wagty arheologlar Rim bazilikasynyň galyndylarynyň üstünden bardylar. Gazuw-agtaryş işlerinde abat saklanyp galan diwarlar ýüze çykaryldy. Bu bazilika, takmynan, miladynyň 70-80-nji ýyllarynda gurlup, Rimiň administratiw merkezi bolan Londinium şäheriniň bir bölegi bolupdyr.



**Girdejisi artar.** Şu ýyl Panama kanalynyň girdejileri gatnawyň köpelmegi netijesinde 5 milliard dollardan geçer. Bu barada kanalyň wise-prezidenti Boris Moreno aýtdy. Onuň sözlerine görä, kanaldan geçýän gämileriň 75 göterimi ABŞ-a degişlidir. Hytaý, Koreýa Respublikasy we Çili ýaly ýurtlaryň gämileri hem suw geçelgesinden has köp peýdalanýar.



**Ýyrtyjynyň näbelli görnüşi.** Halkara alymlar topary Kairiň golaýyndaky Faýum oazisinde gadymy ýyrtyjynyň näbelli görnüşiniň galyndylaryny tapdylar. «Bastetodon syrtos» diýlip atlandyrylan bu ýyrtyjynyň aslynyň afrikalydygy tassyklandy. Uzynlygy üç metre ýetýän jandaryň agramy 500 kilograma deň bolup, ýiti dişleri bilen tapawutlanypdyr.



**Has berk almaz.** Hytaýly alymlar barlaghana şertlerinde sintez ýoly arkaly tebigy nusgalardan 40% berk almaz öndürdiler. Bu açyş dürli senagat pudaklarynda almazyň ulanylmagyna ep-esli täsir edip biler. Ilki bilen meteoritlerde ýüze çykarylan bu täsin material dürli senagat pudaklarynda innowasiýa çözgütleri üçin esas bolup hyzmat eder.



**Iň köp kerpiç toplumynyň eýesi.** ABŞ-nyň Oklahoma ştatynda ýaşaýan 87 ýaşly Klem Reýnkemaýer dünýäde iň uly kerpiç kolleksiýasynyň eýesi hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Ol 40 ýylyň dowamynda kerpiçleriň 8 müň 882 sany nusgasyny ýygnapdyr. Olaryň arasynda miladydan öňki döwre degişli kerpiçler hem bar.



**Iň inçe eplenýän smartfon.** Singapurda geçirilen tanyşdyrylyş dabarasynda iň inçe eplenýän smartfon bolan «Oppo Find N5» resmi taýdan hödürlendi. Bu häzirki wagtda bazarda «kitap» görnüşindäki iň inçe smartfon bolup, galyňlygy ýapylan ýagdaýynda 8,93 millimetre, açylan halatynda bolsa, 4,21 millimetre barabar.



**Ýüzi kosmosdan saýgarar.** Hytaýly alymlar ýokary durulykda surata düşürmäge ukyply lazer kamerany döretdiler. Täze kamera kosmosa ýerleşdirilende pes orbitadan ownuk jisimleri, hatda adamlaryň ýüz keşplerini hem saýgarar. Barlaglaryň dowamynda bu enjam 100 kilometrden hem uzak aralykdan «millimetr takyklykda» birnäçe surat düşürdi.



**Aziýadaky iň çuň guýy.** Hytaýda 10 müň 910 metr çuňlukdaky gözleg guýusy burawlandy. Indi 1-nji belgili Tarim guýusy Aziýada iň çuň we dünýäde bolsa, çuňlugy boýunça ikinji guýudyr. Burawlama iki ýyllap Takla-Makan çölüniň uzak jümmüşinde alnyp baryldy. Buraw işleriniň dowamynda Tarim basseýniniň 12 geologik gatlagyndan geçildi.



**Kaşaň bina gurlar.** Nýu-Ýorkda «Passive House» ülňülerine laýyk gelýän 63 gatly «One Third Avenue» atly bina gurlar. Ol elektrik energiýasyny ýokary derejede tygşytlaýan iň beýik bina bolar. 220 metrlik binanyň gurluşygy bilen «Alloy Development» binagärlik studiýasy meşgullanar. Beýikligi boýunça şäherde ikinji orny eýelejek binada 583 öý ýerleşer.



## TARYHDA ŞU GÜN



**1935-nji ýylyň 28-nji fewralynda amerikan himigi we oýlap tapyjysy Wolles Karozers hem-de şol bir barlaghanadan himikler topary täze sintetik süýüm döretdiler. Bu dünýädäki ilkinji sintetik süýüm neýlon diýlip atlandyryldy. Şondan soň süýümi has-da ösdürmek boýunça işler dowam etdirildi.**

## FRIDRIH MERS TÄZE KANSLER BOLAR

23-nji fewralda Germaniýada geçirilen nobatdan daşary parlament saýlawlarynda Fridrih Mersiň ýolbaşçylygyndaky Hristian-demokratik we Hristian-sosial bileleşigi (HDB/HSB) sesleriň 28,6 göterimi bilen ýeňiş gazandy.

Alis Waýdeliň ýolbaşçylygyndaky «Germaniýa üçin alternatiwa» (AfD) partiýasy öz taryhynda ilkinji gezek 20,8% bilen ikinji orny eýeledi. Bu partiýa 2021-nji ýyldaky saýlawlar bilen deňeşdirilende, gazanan sesleriniň mukdaryny iki esse artdyrdy.

Kansler Olaf Şolsuň ýolbaşçylygyndaky Germaniýanyň sosial-demokratik partiýasy (GSDP) 16,4% ses bilen üçünji orunda gelýär. Ol 2021-nji ýyldaky saýlawlara garanyňda, has az goldawa eýe bolup, bu ýagdaý sosial-demokratlar üçin partiýanyň taryhynda iň pes netijedir.

Wise-kansler Robert Habekiň ýolbaşçylygyndaky «Ýaşyllar» 11,6% ses bilen dördünji orny eýeledi. «Çepçi» partiýasy 8,8%, Sara Wagenknehtiň «Paýhas we adalat bileleşigi» 4,9%, Erkin demokratik partiýasy (EDP) 4,39% sese eýe boldy. Saýlawlara gatnaşyk 84% töweregi boldy. Şeýle ýagdaý iň soňky gezek 1987-nji ýyldaky Bundestag saýlawlarynda bolupdy. 2021-nji ýyldaky saýlawlara gatnaşyk 76,4% boldy.

Indi täze Bundestagdaky orunlar aşakdaky ýaly paýlanar: HDB/HSB 187-den 210-a çenli, AfD 131-den 145-e çenli, GSDP 106-dan 118-e çenli, «Ýaşyllar» 81-den 94-e we «Çepçi» partiýasy 58-den 62-ä çenli orun alar.

Sara Wagenknehtiň bileleşigi we Erkin demokratik bileleşigi parlamente goşulyp başarsalar 33% orun alar. Şol bir wagtyň özünde, soňky iki partiýa ýa-da olaryň biri 5% päsgelçilikden geçip bilmese, ähli zat üýtgär. Täze dolandyryjy bileleşigiň nähili boljakdygy, esasan, Sara Wagenknehtiň bileleşiginiň we Erkin demokratik bileleşiginiň parlamente girip biljekdigine baglydyr.



Ýerli bilermenleriň pikiriçe, beýleki partiýalaryň AfD bilen hyzmatdaşlygy ret edýändiklerini göz öňünde tutup, islendik ýagdaýda saýlawlaryň şeýle netijeleri bilen hökümet gurmak örän kyn bolar. Häzirki wagtda syýasatçylar dolandyryjy bileleşik döretmek üçin çykalganyň HDB/HSB we GSDP blogundan ybarat bileleşikdigine ynanýarlar. Saýlawlarda sesleriň aglaba bölegini alan geljekki Kansler Mers täze hökümeti 20-nji aprele çenli gurjakdygyny aýtdy.

## NEBIT GEÇIRIJISINE MAÝA GOÝAR

Wengriýa Serbiýanyň «Družba» nebit geçirijisi arkaly Russiýadan gelýän çig mallary almaga ukyply nebit geçirijisiniň gurluşygyna, takmynan, 320 million ýewro maýa goýar. Bu barada Wengriýanyň daşary işler we daşary ykdysady gatnaşyklar ministri Peter Siýarto Belgradda Serbiýanyň energetika we magdan ministri Dubrawka Jedowiç-Handanowiç bilen geçirilen duşuşykdan soň aýtdy.



Peter Siýarto Wengriýanyň bu taslama maýa goýumlarynyň üç ýylda, takmynan, 320 million ýewro boljakdygyny aýtdy.

– Häzirki wagtda täze nebit turbageçirijisiniň ulanylmagyny kepillendirýän şertnamany baglaşmak barada gepleşik geçirýäris – diýip, ol belledi.

Daşary işler ministriniň sözlerine görä, bu turbageçirijiniň kuwwaty ýylda 5 million tonna deň bolar. Wengriýada 180 kilometr we Serbiýada 120 kilometr turbalaryň goýulmagyny, şeýle hem iki ýurduň serhedinde gözegçilik-barlag bekediniň gurulmagyny göz öňünde tutýan taslama üçin tehniki-ykdysady esaslandyryş işleri geçirildi.

Turbageçiriji Wengriýanyň MOL kompaniýasyna degişli Sazhalombattadaky nebiti gaýtadan işleýän zawodyny ýurduň günortasyndaky Aldo şäheri, soňra bolsa Serbiýanyň Nowi-Sad şäheri bilen birleşdirer. Bu Wengriýany diňe bir sarp ediji däl, eýsem, nebit söwdasy üçin üstaşyr bir ýurda öwrer we Serbiýa üçin täze üpjünçilik çeşmelerini açar.

Budapeştden 30 kilometr günortada ýerleşýän Sazhalombatta zawody Wengriýanyň iň uly nebiti gaýtadan işleýän zawodydyr. Bu zawod «Družba» turbageçirijisiniň günorta şahasy arkaly üpjün edilýän rus çig mallaryny ulanýar.




## MASLAHATYŇ NYŞANY HÖDÜRLENDI

Özbegistanyň hökümeti Ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýitip gitmek howpy astyndaky görnüşleriniň halkara söwdasy hakyndaky Konwensiýa (CITES) gatnaşyjy taraplaryň (COP20) 20-nji maslahatynyň resmi nyşanyny hödürledi. Bu maslahat şu ýylyň 24-nji noýabryndan 5-nji dekabry aralygynda Samarkantda geçiriler.

Ekologiýa ministrligi tarapyndan işlenip düzülen logotipiň tanyşdyrylyşy Şweýsariýanyň Ženewa şäherinde, CITES-iň hemişelik komitetiniň 78-nji mejlisiniň çäginde geçirildi. Ekologiýa ministri Aziz Abduhakimow maslahatda eden çykyşynda logotipiň her elementiniň sebitiň tebigaty, medeniýeti we taryhy bilen aýrylmaz baglanyşygyny görkezýän aýratyn manysynyň bardygyny belledi.

Logotipde Özbegistanyň milli tebigy we medeni mirasynyň birnäçe elementleri, şol sanda, aýragy şekillendirýän gadymy petroglif, rodiola semýonowa derman ösümligi we CITES COP20-ni kabul etjek taryhy Samarkant şäheriniň gözel ýerleri şekillendirilýär. Merkezi Aziýanyň daglyk sebitlerinde ýaşaýan aýragyň daşyň ýüzüne oýulyp çekilen şekili, seýrek we ýitip gitmek howpy abanýan görnüşleri gorap saklamagyň zerurdygyny ýada salýar we tebigat bilen sebitiň taryhy mirasynyň arasyndaky baglanyşygy alamatlandyrýar.

Dermanlyk ösümliginiň gülleri ösümlik dünýäsiniň ekoulgamlardaky möhüm ornuny we onuň adamyň saglygy üçin ähmiýetini görkezýär. Şeýle-de dünýäniň iň gadymy şäherlerinden biri bolan Samarkantyň gözel ýerleri Özbegistanyň baý taryhyny, medeniýetini we myhmansöýerligini alamatlandyrýar. Şäher diňe bir maslahatyň geçiriljek ýeri bolman, eýsem, medeni we daşky gurşaw mirasynyň bitewüligini alamatlandyrýan geçmiş bilen geljegiň arasyndaky köprini hem görkezer.

## «THE LINE» TASLAMASY AMALA AŞYRYLÝAR

Saud Arabystanynyň demirgazyk-günbatarynda badalga berlen «The Line» atly täsin şäheriň gurluşygy üçin eýýäm 50 milliard dollardan gowrak maliýe serişdeleri harçlandy. Bu barada Saud Arabystanynyň Neom sebitiniň Ösüş agentliginiň baş müdiriniň orunbasary Raýan Faýez mälim etdi.

Bu serişdeleriň esasy bölegi infrastruktura, şol sanda gazuw işleri we sütünleri ýerleşdirmek maksady bilen ulanyldy. Faýeziň aýtmagyna görä, «The Line» taslamasynyň ilkinji gatlarynyň gurluşygyna şu ýylyň ahyrynda başlanar. Uly çykdajylara garamazdan, häkimiýetler bu maýa goýumyň syýahatçylyk arkaly öweziniň dolduryljakdygyna şübhelenmeýär. «The Line» taslamasy Saud Arabystanynyň dünýäniň ähli künjeklerinden syýahatçylary özüne çekjek kaşaň we täsir galdyrýan şäheri döretmek maksatnamasynyň bir bölegidir» diýip, Faýez belleýär.

2,4 kilometre uzap gidýän «The Line» şäheri «Neom» taslamasynyň çäklerinde amala aşyrylýar. Esasy maksat dizel hereketlendirijili awtoulaglar we uglerod zyňyndylary bolmadyk şäher gurmakdan ybarat. «The Line»-iň gurluşygy, köp babatda nebite garaşly bolan Saud Arabystanynyň ykdysadyýetini diwersifikasiýa etmäge gönükdirilen ösüş taslamalarynyň sanawyna girýär.

«Şäherde elektroulaglar hereket eder. «The Line» köp sanly seýilgählerden we tebigy landşaftlardan ybarat uly şäher bolar. Bu şäher XXI asyrda we ondan soňky döwürlerde şäher dizaýnynyň we onuň tebigat bilen sazlaşygynyň mysaly bolmalydyr» diýlip, «Neom»-yň metbugat beýanatynda aýdylýar. Şäheriň esasy özeni 170 kilometre, ini 200 metre we beýikli 500 metre barabar mega binasydyr. Taslama ýurduň jemi içerki önüminiň 48 milliard dollar artmagyna sebäp bolar diýlip garaşylýar.



«The Line» şäheriniň gurluşyk işleri ýurduň ykdysadyýetini diwersifikasiýa etmegi maksat edinýän Saud Arabystanynyň Döwlet maýa goýum gaznasy tarapyndan maliýeleşdiriler. Maglumatlara görä, 2032-nji ýyla çenli taslamanyň bir bölegi ulanylmaga berler. Saud Arabystanynyň hökümeti 2030-njy ýyla çenli jemi içerki önümiň 10 göterimini ýurduň syýahatçylyk pudagynyň üpjün etjekdigini öňe sürýär.

## MÜSÜRDE FARAONYŇ ARAMGÄHI TAPYLDY

**Müsürde faraon Tutmos II (miladydan öň 1493-1481) 3500 ýyllyk aramgähi tapyldy. Müsüriň Syýahatçylyk we gadymyýet ministrliginiň maglumatlaryna görä, gazuw-agtaryş işleri Müsüriň gadymyýet geňeşi we döwlet ylmy gözlegler merkezi tarapyndan guralan müsür-britan arheologik missiýasynyň gatnaşmagynda gadymy Luksor şäheriniň golaýynda geçirildi.**

**Arheologlar munuň «Müsüriň on sekizinji neberesiniň patyşalarynyň iň soňky ýitirilen aramgähidigini» belläp geçdi. Bu ýer 2022-nji ýylda Fiwan daglaryndaky gazuw-agtaryş we arheologik gözlegler wagtynda tapyldy.**

**– Bu 1922-nji ýylda patyşa Tutanhamonyň aramgähi tapylaly bäri ilkinji ýüze çykarylan patyşa aramgähidir – diýip, Müsüriň syýahatçylyk we gadymyýet ministri Şerif Fathi aýtdy.**

**Aramgähden tapylan gap-gaçlaryň käbir böleklerinde patyşa Tutmos II, şeýle hem onuň aýaly Hatşepsutyň ady ýazylan ýazgylar bar. Bu bolsa, galyndylaryň kime degişlidigini tassyklaýar – diýip, Müsüriň gadymyýet geňeşiniň Baş sekretary Muhammet Halid belledi.**



**Halid faraonyň aramgähiniň tapylmagyna «soňky ýyllaryň iň möhüm arheologik açyşlarynyň biri» diýip baha berdi.**




## SÜRÜJISIZ TRAMWAÝ HEREKET EDER

**Russiýada şu ýylyň güýzünde ilkinji sürüjisiz tramwaýlar Moskwadaky ugurlarda yzygiderli gatnap başlar. Bu barada Moskwanyň ulag departamenti habar berýär.**

**Innowasiýa ulaglaryny işe girizmegiň üçünji, ahyrky tapgyrynyň bir bölegi hökmünde, tramwaý Strogino ugry boýunça bütinleý sürüjisiz tertipde hereket eder. Departamentde hereket döwründe kabinada ýa-da salonda herekete gözegçilik etmek we beýleki işleri ýerine ýetirmek üçin bir işgäriň boljakdygy habar berildi.**

**Moskwanyň häkiminiň ulag we senagat boýunça orunbasary Maksim Liksutowyň pikiriçe, bu üýtgeşik bir taslamadyr. Şu wagta çenli dünýäniň hiç bir şäheri bu görnüşli ulagdan peýdalanýanlary yzygiderli daşamagy guramandy. Häzirki wagtda Moskwanyň häkimligine degişli bu tehnologiýa synagdan geçirilýär.**

## IŇ ULY ATTRAKSION GURULÝAR



**Saud Arabystanynyň Kiddiýa şäher seýilgähinde tutýan meýdany 376 inedördül kilometre deň bolan «Falcon's Flight» seýilgähiniň gurluşygynyň ahyrky tapgyry alnyp barylýar. Onuň «Six Flags» atly bölüminde ýokary tizlikli we has beýik relsli ulgam dörediler diýlip, «The Sun» neşiri ýazýar.**

**«Falcon's Flight» seýilgähiniň dünýäniň iň gyzykly we güýmenjelere baý attraksiony boljakdygy habar berilýär. Bu seýilgähdäki uzynlygy 4 kilometre, iň ýokary beýikligi 195 metre ýetýän attraksion oýun ulaglary çagalaryň we ulularyň göwnüni göterer. Sagatdaky tizligini 250 kilometre çenli artdyryp biljek bu ulaglar aýlawly relslerden ýokary çykyp, dik eňňitlerden aşaklygyna gaýdýar. 14 adama niýetlenen attraksion oýun ulaglary 158 metr beýiklikde tolgundyryjy başdangeçirmeleri hödürläp, ýelden we çägeden goraýjy egri aýnalar bilen üpjün ediler.**

**Häzirki wagtda şeýle ulaglarda tizlik rekordy Ýakyn Gündogaryň başga bir ýurduna degişli bolup, «Ferrari World Abu Dhabi» seýilgähindäki wagonjyklar tizligini sagatda 240 kilometre çenli artdyrmaga ukyply. Şu ýylyň ahyrynda ulanmaga beriljek «Falcon's Flight» seýilgähinde 28 sany attraksion güýmenje ýerleşer.**

# ITALIÝANYŇ MEŞHUR 10 TAGAMY

**Dünýäniň syýahatçylyk babatda ösen ýurtlarynyň biri bolan Italiýanyň ady agzalanda ilki bilen meşhur tagamlary ýadyňa düşýär. Baý taryhy mirasy bolan bu ýurduň her şäherinde we sebitinde özüne mahsus lezzetli tagamlar taýýarlanýar. Italiýa pizzadyr spagettiden başlap, desertlere çenli halkara gastronomiýasynda uly orny eýeleýär. Italýan tagamlaryna dünýäniň beýleki ýurtlarynda hem uly isleg bildirilýär. Geliň, italýan aşhanasynyň meşhur tagamlary bilen tanyş bolalyň!**

**MARGARITA PIZZASY.** «Pizza Margherita» diýlip atlandyrylýan bu tagam ilkibaşda XIX asyrda Naplesde bişirilip başlanýar. Şa zenany Margarita üçin ýörite taýýarlanan bu pizza barmaklar bilen ýazylan hamyryň üstüne pomidor goýaltmasy,



mozarella peýniri we ter reýhan ýapraklary goýulýar. Pizza ýörite peçde bişirilýär. Adatça Margarita pizzasy dört bölege bölünip, gyzgynlygyna müşderilere hödürlenýär. Gyzyl, ak we ýaşyl reňkleri bilen Italiýanyň baýdagyny şekillendirýän bu tagam dünýäde iň köp iýilýän gurak naharlaryň biridir.

**KARBONARA.** Italýan aşhanasynyň iň meşhur tagamlarynyň biri bolan karbonara gaýnadylan spagettiniň ýa-da unaşyň üs-



tüne inçejik gyýlan et, gyrgyçdan geçirilen peýnir we ýumurtga goýlup taýýarlanýar. XX asyrda Lasio sebitinde oýlanyp tapylan bu tagam hakyky nusgasyndan daşary dürli görnüşlerde hem taýýarlanýar.

**LAZANÝA.** Makaronyň iň gadymy görnüşi bolan lazanýadan taýýarlanýan bu tagam gat-gat edilip taýýarlanýar. Hamyr ýaly dörtburç kesilen lazanýanyň her gatynyň arasyna peýnir goýulýar we üstüne beşamel bulamagy guýulýar. Soňra peçde bişirilip, böleklere bölünip hödür edilýär.



Daşyndan göräýmäge torta meňzeýän bu tagam Bolonýa sebitiniň iň gadymy tagamlarynyň biridir. Asyrlarboýy taýýarlanylyp gelinýän bu tagama beýleki ýurtlarda hem uly isleg bildirilýär.

**«RISOTTO ALLA MILANESE».** Tüwüden taýýarlanylýan tagamlaryň biri bolan «Risotto alla Milanese» Milanyň iň meşhur



tagamlarynyň biridir. Sary tüwä safran goşulyp taýýarlanylýan bu tagam şireliligi we hoşboý ysy bilen tanalýar. Italýan restoranlarynda «Risotto alla Milanese» adatça ikinji nahar hökmünde berilýär.

**«OSSOBUCO».** Milanyň ýerli aşhanasynyň iň meşhur tagamlarynyň biri bolan «Ossobuco» gaýnadylan ýilikli etden taý-



ýarlanylýar. Grimolata oty, pomidor, selderýa, sogan, käşir ýaly gök önümler hem goşulýan bu tagam uzak wagtlap pes otda gaýnadylýar. Adatça bu tagam gaýnadylan safranly tüwi bilen bilelikde berilýär.

**TORTELLINI.** Börege meňzeş bu tagam Italiýanyň Bolonýa we Modena şäherlerine mahsus makarondan taýýarlanylýar. Däp bol-



şy ýaly, bu tagamyň hurşuna ownuk dogralan et, parmesan peýniri, ýumurtga we owradylan hoz goşulýar. Hamyra salnyp bükülenden soň, kapon çorbasyna atylyp gaýnadylýar. Gaplanan, guradylan we sowadyjyda doňdurylan görnüşde dünýäniň köp ýerinde satylýan tortellinini öýde hem taýýarlap bolýar.

**FLORENTIN BIFŞTEKSI.** Göläniň etli biloňurga süňkünden taýýarlanýan bu tagam Tuskan sebitiniň iň meşhur tagamlarynyň



biridir. Bu tagamy islendik etden taýýarlap bolmaýandygy sebäpli sygryň çianina tohumy ösdürilip ýetişdirilýär. Közüň üstünde suwluja edilip bişirilýän florentin bifşteksi eti halaýanlaryň iň lezzetli tagamlarynyň biridir.

**«ARANCINI».** Gowrulan çörek bölekleri Sisiliýanyň aşhanasynyň esasy tagamlarynyň biridir. Içine dogralan et, peýnir ýa-da gök önümler salnyp bişirilýän bu tagam üçin çöregi owradýarlar we ýeralma ýa-da nohut püresi bilen garýarlar. «Altyn topjagazlar» Italiýanyň iň meşhur köçe tagamlarynyň biri hasaplanýar.



**KAPREZE IŞDÄAÇARY.** Dilimlenen täze mozarella peýniri, pomidor, reýhan ýapraklary, duz we zeýtun ýagy goşulyp taý-



ýarlanýan bu işdäaçar Margarita pizzasy ýaly Italiýanyň baýdagyny şöhlelendirýär. Italiýada günüň islendik wagty iýilýän bu işdäaçar adatça naharyň ýany bilen berilýär. Kapreze işdäaçary pizza ýa-da sendwiç ýaly görnüşde hem taýýarlanýar. Işdäaçar Kapri adasynyň adyny göterýär.

**TIRAMISU.** Kofeniň külkesi, ýumurtganyň sarysy, şeker we maskarpon peýniri hem-de kakao tozy garylyp taýýalanylýan



bu desert Italiýada iň köp iýilýän süýjülikleriň biridir. «Meni al, meni begendir» diýen manyny aňladýan bu süýjülikden şokoladyň we kofeniň hoşboý ysy gelýär. Bu tagama, esasan, kofe we şokolad söýüjiler uly isleg bildirýärler.

## Glossofobiýa näme?



**Köpçüligiň öňünde çykyş etmek köp adamda duş gelýän tolgundyryjy duýgularyň biridir. Adamlaryň, takmynan, 75 göterimden gowragy köpçüligiň öňüne çykanda utanyp, stres bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Durmuşyň belli bir döwürlerinde: mekdepde okanyňda, talyplyk ýyllaryňda, işleýän wagtyň köpçüligiň öňünde çykyş etmeli bolýar. Iň bolmanda, toýdabarada märekäniň öňünde söz sözlemeli bolýar. Eýsem, köpçüligiň öňüne çykanyňda döreýän glossofobiýany nädip ýeňmeli?**

Glossofobiýa köpçüligiň öňünde çykyş edilende döreýän ýygralyk we utanjaňlyk duýgusydyr. Glossofobiýa ynamsyzlyk, özüňe ýalňyş baha berilmeginden gorkmak we köpçülige öwrenişmezlik esasynda döreýär.

**GLOSSOFOBIÝANYŇ ALAMATLARY:**

- Aşa alada we gorky duýgusy
- Pes baha berilmegi bilen baglanyşykly döreýän utanç duýgusy
- Tolgunma we dartgynly başdangeçirme
- Elleriň, bedeniň ýa-da ses äheňiniň titremegi
- Eliň, aýaň ýa-da maňlaýyň derlemegi
- Suwsamak, ýüregiň bulanmagy
- Köpçüligiň öňünde çykyş etmekden gaça durmak meýli
- Sözleri ýerli-ýerinde aýtmakda, dürs geplemekde kynçylyk çekmek
- Köpçülige, oturanlara seretmekden çekinmek
- Aýtmaly sözleriňi ýatdan çykarmak

**GLOSSOFOBIÝANY ÝEŇIP GEÇMEGIŇ USULLARY**

Köpçüligiň öňünde çykyş etmek gorkusyny ýeňip geçmek üçin, ilki bilen, munuň adaty ýagdaýdygyna özüňi ynandyrmaly. Duýgularyňa özüňi aldyrmazdan, mazmunly çykyş etmeli. Şeýle hem gorkyňy ýeňmek üçin edil öňüňde köpçülik bar ýaly özüňi alyp baryp, köpräk çykyş etmäge synanyşmaly.

Glossofobiýany ýeňip geçmegiň ýene bir usuly diňleýjilerden ünsüňi sowmakdyr. Oturanlaryň hereketine ýa-da ýüz hereketlerine seretmezden, ünsüňi bir ýere jemlemeli hem-de meýilnama boýunça çykyş etmeli. Köpçüligiň öňünde çykyş etmek gorkusyny ýeňip geçmegiň iň ygtybarly usullarynyň biri hem halypalardan sapak almakdyr. Ussat halypalar (mugallym) bilen gürrüňdeş bolup, sahnada özüňi alyp barşyň we çykyşyň baradaky pikirlerini soramaly. Halypalaryň berýän maslahatlaryna eýerip, indiki çykyşlara has-da erjel taýýarlanmaly.

## ÇAGALAR

**600-den 920 töweregi ösümligi öz içine alýan soganlar maşgalasy dünýädäki iň uly ösümlik görnüşleriniň biri hasaplanýar.**

## Oýnawaja meňzeş ördek





**Ördekleriň dürli görnüşleri bolup, olaryň köpüsi owadanlygy bilen tapawutlanýar. Öý jandary hasaplanýan ördekleriň ýabany tebigatda 100-den gowrak görnüşi ýaşaýar. Çagalaryň iň gowy görýän guşlarynyň biri bolan ördegiň keşbindäki multfilm gahrymanlarynyň we oýnawaçlaryň bolmagy ýöne ýerden däldir. Tebigy şertlerde ýaşaýan ördekleriň iň owadany mandarin ördegi hasaplanýar. Dürli reňkli ýelekleri bolan bu ördek, esasan, Ýaponiýada, Hytaýda we Russiýada ýaşaýar. Tebigy şertlerde ýaşaýan bu jandarlaryň sany o diýen köp däl. Guşlar maşgalasynyň ählisinde bolşy ýaly, olaryň horazlary has hem owadan reňkli bolýar. Mandarin ördekleri kölleriň, derýalaryň golaýyndaky agaç köweklerinde höwürtge ýasaýarlar. Olar, esasan, otlar hem-de ösümlikleriň tohumy bilen iýmitlenýärler. Şeýle hem kiçiräk balyklary we beýleki jandarlary awlaýarlar. Owadan ýelekleri bolanlygy sebäpli, öý şertlerinde hem saklanýan bu ördekleriň çüňki gyzyl, gözüniň gyralary ýarym aýlaw görnüşli ak, ýüzi gyzylymtyl bolýar. Döşünden dikligine ak çyzyk geçip, benewşe reňkli bolýar.**

**Mandarin ördekleri uçmaga örän ökde bolup, boýy 41-49 santimetr, ganatynyň gerimi 65-75 santimetr aralygynda bolýar. Olaryň jüýjeleri gysga wagtda uçmagy we ýüzmegi öwrenýärler. Ördekler gyş paslynda has ýyly ýerlere göçýärler. Süri bolup ýaşaýan bu guşlar beýleki ördekleriň arasyna goşulyp, olar bilen hem bilelikde ýaşaýarlar. Olaryň az sanlysy haýwanat baglarynda hem saklanýar. Gündogar ýurtlaryndaky käbir medeniýetlerde mandarin ördegi wepalylygyň we söýginiň nyşany hasaplanýar.**



## Goşar sagady haýsy eliňe dakylýar?



**Adamlaryň köpüsi goşar sagadyny çep eline dakynsalar, käbir adam, esasan hem, zenanlar sagady sag eline dakýarlar. Goşar sagadynyň haýsy ele dakylýandygy barada dürli pikirler bar. Eýsem, goşar sagady haýsy ele dakylýar?!**

Adamlaryň aglaba bölegi işlemek üçin haýsy elini az ulanýan bolsalar, sagady hem şol eline dakýarlar. Bu, esasan, saglakaý we çepbekeýlik bilen baglanyşykly ýagdaýdyr. Dünýäde saglakaýlaryň köpdügi sebäpli, goşar sagatlary çep ele dakylýar. Çepbekeýler bolsa, sagady sag eline dakýarlar.

Taryhy maglumatlara göz aýlasak, XX asyryň başlarynda ilkinji jübi sagatlary peýda bolup, wagt görkezýän enjamlary diňe erkekler ulanypdyr. Olar häzirki döwrüň goşar sagatlaryndan has uly bolup, ýörite tikilen torbalarda saklanylypdyr. Jübi sagatlarynyň daşky ýüzi köp döwlegen bolandygy we sagadyň hronometrlerini zeper ýetmekden goramak maksady bilen sagatlary has az iş edilýän çep ele dakynylmagy makul bilnipdir. Ýagny sagadyň çep ele dakylmagy, oňa belli bir derejede zyýan ýetmeginiň öňüni almakdan ybarat bolupdyr. Çep el sagady döwülmekden gorap saklapdyr.

Aslynda, goşar sagadyny haýsy eliňe dakynanyň tapawudy ýok. Esasy zat eliňe amatlylygy we işläniňde päsgel bermezligidir. Dünýäde diňe bir saglakaýlar üçin däl, eýsem, çepbekeýler üçin hem towlawajy we dümweleri çep tarapda ýerleşýän sagatlar öndürilýär.

Öýjükli telefonlaryň peýda bolan ýyllarynda goşar sagadyny ulanýanlaryň sany azalyp başlapdy. Soňky ýyllarda «akylly» sagatlaryň işlenip düzülmegi bilen wagt görkezýän bu enjamlaryň meşhurlygy ýene-de artdy. «Akylly» sagatlar diňe wagty görkezmek bilen çäklenmän, jaň etmekde, SMS okamakda, äden ädimiňi sanamakda, saglyk ýagdaýyňdan habarly bolmakda uly ähmiýete eýedir. Käbir adam goşar sagadyny bezeg üçin dakynýan bolsa, köpler bu enjamy ýerlikli ulanýarlar. Häzirki wagtda dünýäde her ýyl 1 milliarddan gowrak «akylly» sagat we 80 milliondan gowrak mehaniki sagat öndürilýär.

## AJY TAGAMLY GÖK-BAKJA EKINI

**Sogan dünýäde iň köp ösdürilip ýetişdirilýän we iýilýän gök-bakja ekinleriniň biridir. Sogan diýlende ilki bilen göz öňüňe gelýän zat «urman, sögmän agladýandygydyr». Naharlaryň ählisine diýen ýaly goşulýan sogan saglyk üçin örän peýdalydyr.**



- ☑ Gadymy müsürliler sogany ebedi ýaşaýşyň nyşany hasaplapdyrlar. Arheologlar Müsür piramidalarynda geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde soganyň galyndylaryny tapdylar.
- ☑ Köpler sogan dogranda «aglamaga başlaýar». Kesilen sogandan kükürt kislotasy bölünip çykýar we gözümizdäki çyglylyk bilen täsirleşýär. Netijede, gözümizden ýaş bölünip çykýar.
- ☑ Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilen soganyň agramy 8,97 kilogram bolup, 2023-nji ýylda Angliýanyň Ýorkşir şäherinde geçirilýän «Harrogate» güýz gülleri sergisinde köpçülige görkezildi. Dünýäniň iň uly soganyny iňlis daýhany Garet Griffin ösdürip ýetişdiripdir.
- ☑ Mekdepde barlaghana otaglarynda mikroskop arkaly görmek üçin köplenç sogan ulanylýar. Sebäbi soganyň öýjügi örän uly we görmek aňsat.
- ☑ Sogan 7 müň ýyldan gowrak wagtdan bäri iýlip gelinýär. Arheologlar bürünç asyryna degişli injir we hurma dänesi bilen birlikde soganyň galyndylaryny hem tapdylar.
- ☑ Sogan irki döwürlerden bäri boýag almakda hem ulanylýar.
- ☑ Ajy tagamly bu gök-bakja ekinini hiç bir mör-möjek iýip bilmeýär.
- ☑ Sogany iýeniňden soň ysyny aýyrmak üçin süýt ýa-da gök çaý içmek, narpyz ýa-da petruşka ýapragyny çeýnemek ýeterlik.
- ☑ Ýewropalylaryň köpüsi orta asyrlaryň ahyryna çenli walýuta hökmünde sogan ulanan bolsalar, sibirli daýhanlar XVIII asyra çenli töleg serişdesi hökmünde sogandan peýdalanypdyrlar.
- ☑ Köp ýurtda sogan diňe bir nahara salynmak bilen çäklenmän, göz, diş agyrysynda derman serişdesi hökmünde hem peýdalanylýar.

### Şekilli sudoku

**Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.**



### 7 tapawudy tapyň!





### Labirint



### Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



### Gyzykly pursat



Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# 75-nji Berlin film festiwaly tamamlandy

Kino sungatynyň iň uly 3 festiwalynyň biri bolan «Berlinale» tamamlandy. 75-nji gezek geçirilen we 11 günläp dowam eden festiwalda baş baýraga – «Altyn aýy» baýragyna «Düýşler» (Drommer) filmi laýyk görüldi. Norwegiýaly kyssaçy, ssenariçi hem-de režissýor Dag Ýohan Haugerudyň surata düşüren filmi «Altyn aýy» baýragyny gazanan ilkinji norweg kinosy hökmünde hasaba alyndy. Braziliýaly režissýor Gabriel Maskaro «Mawy ýoda» (O Ultimo Azul) filmi üçin eminleriň «Gran Pri» baýragy bilen sylaglandy. Argentinaly režissýor Iwan Funduň «Ýüzlenme» (El mensaje) filmi-de eminleriň ýörite baýragyna mynasyp görüldi.



Hytaýly režissýor Huo Mene «Ýerde ýaşamak» (Sheng xi zhi di) filmi üçin iň gowy režissýor baýragy gowşuryldy. «Hollywood»-yň awstraliýaly artistlerinden, meşhur aktrisa Rouz Birn iň gowy baş keşp baýragynyň ýeňijisi boldy. Ol «Eger aýaklarym bolsady, seni deperdim» (If I Had Legs I'd Kick You) filmindäki keşbi üçin bu baýragy eýeledi. Iň gowy kömekçi keşp baýragy-da «Mawy aý» (Blue Moon) filmindäki keşbi üçin Andrýuw Skotta berildi. Iň gowy ssenariý baýragy-da komediýa görnüşli «Kontinental 25» (Kontinental 25) filmi üçin rumyniýaly režissýor Radu Jude berildi. Ol 2015-nji ýylda iň gowy režissýor ugry boýunça «Kümüş aýy», 2020-nji ýylda-da özboluşly filmi bilen «Altyn aýy» baýragyny gazanypdy.



Fransiýaly režissýor Lusil Hadžihalilowiçiň «Buz diňi» (La Tour de Glace) filmi-de sungat goşandy baýragyna laýyk görüldi. Şu ýylky Berlin film festiwalynda hormat sylagy oskarly aktrisa Tilda Swintona berildi.

1951-nji ýyldan bäri geçirilip gelinýän Berlin film festiwalynda baş baýrak «Altyn aýy» baýragydyr. Galan beýleki baýraklar dürli ugurlarda bolup, olar «Kümüş aýy» diýlip atlandyrylýar.

Festiwalda mundan öňki 2 ýyl dokumental filmler «Altyn aýy» baýragyny gazanypdy.



## 75-nji «Berlinale»-niň ýeňijileri

**«Altyn aýy» baýragy:** «Düýşler» (Drommer) – Dag Ýohan Haugerud.

**«Kümüş aýy» – eminleriň «Gran Pri» baýragy:** «Mawy ýoda» (O Ultimo Azul) – Gabriel Maskaro.

**«Kümüş aýy» – eminleriň ýörite baýragy:** «Ýüzlenme» (El mensaje) – Iwan Fund.

**«Kümüş aýy» – iň gowy režissýor baýragy:** «Ýerde ýaşamak» (Sheng xi zhi di) – Huo Men.

**«Kümüş aýy» – iň gowy baş keşp baýragy:** Rouz Birn – «Eger aýaklarym bolsady, seni deperdim» (If I Had Legs I'd Kick You).

**«Kümüş aýy» – iň gowy kömekçi keşp baýragy:** Andrýuw Skott – «Mawy aý» (Blue Moon).

**«Kümüş aýy» – iň gowy ssenariý baýragy:** «Kontinental 25» (Kontinental 25) – Radu Jude.

**«Kümüş aýy» – iň gowy sungat goşandy baýragy:** «Buz diňi» (La Tour de Glace) – Lusil Hadžihalilowiç.

# «ANORA» OSKARA YMTYLÝAR

Az býujetli filmleriň baýragy bolan «Garaşsyz ruh» baýraklarynyň (Independent Spirit Awards) ýeňijileri mälim edildi. 40-njy «Garaşsyz ruh» baýraklarynda «Anora» (Anora) iň gowy film, ony surata düşüren Şon Beýker bolsa iň gowy režissýor diýlip saýlandy. Filmde baş keşbi janlandyran Maýki Medison iň gowy baş keşbi ýerine ýetiriji baýragyna laýyk görüldi. «Hakyky jepa» (A Real Pain) filmindäki keşbi üçinem Kiran Kalkin iň gowy kömekçi keşp baýragyny eýeledi. Bu filmiň edebi esasyny ýazan Jessi Aýzenberg iň gowy ssenariý baýragy bilen sylaglandy. «Meniň köne joram» (My Old Ass) filmindäki keşbi üçinem Meýzi Stella iň gowy ösüş görkezen ýerine ýetiriliş baýragy berildi. Ýaş režissýor Şon Wan «Didi» atly kinosy üçin iň gowy film hem-de iň gowy ilkinji ssenariý baýraklaryna mynasyp boldy. Ýuwal Abraham bilen Bazel Adranyň bilelikde surata düşüren «Başga ýer ýok» (No Other Land) atly ekran eseri iň gowy dokumental film baýragyna, Latwiýanyň önümi bolan «Akym» (Straume) atly animasiýa iň gowy halkara film baýragyna laýyk görüldi.

Seriallaryň arasynda iň gowusy diýlip, «Sýogun» (Shogun) saýlandy. «Sugun çagasy» (Baby Reindeer) serialynda surata düşen Riçard Gadd täze ssenarili seriallarda iň gowy baş keşp, Nawa Mau bolsa iň gowy kömekçi keşp baýraklary bilen sylaglandy. Şol serialyň ýene bir



artisti Jessika Ganning bolsa iň gowy ösüş görkezen keşp baýragyna mynasyp boldy.

Soňky ýyllarda «Garaşsyz ruh» baýraklarynda iň gowy film saýlanan ekran eserleriniň ençemesi Oskarda-da iň uly baýragy gazandy. Ýöne bu gezek «Garaşsyz ruh» baýraklarynyň Oskara täsiri ýetmez. Sebäbi Oskar baýraklarynyň ses berliş işi 18-nji fewralda tamamlandy.

# KÄRDEŞLERI ÝYLYŇ IŇ GOWY ARTISTLERINI SAÝLADYLAR

Amerikanyň Prodýuserler, Ssenariçiler gildiýalaryndan soň, Aktýorlar gildiýasynyň baýraklarynyň hem bu ýylky ýeňijileri belli boldy. 31-nji gezek gowşurylan baýraklarda «Bütinleý näbelli» (A Complete



Unknown) filmindäki keşbi üçin Timoti Şalame iň gowy aktýor saýlandy. Ol bu filmde amerikaly meşhur kompozitor, şahyr Bob Dilanyň keşbini janlandyrýar. «Substansiýa» (The Substance) filmindäki keşbi üçinem Demi Mur iň gowy aktrisa baýragyna laýyk görüldi. Ol dabarada karýerasyndaky iň esasy baýraklaryň birini alýandygyny aýtdy. Ikinji plandaky iň gowy aktýor we aktrisa baýraklary degişlilikde Kiran Kalkin («Hakyky jepa», A Real Pain) bilen Zou Saldanýa («Emiliýa Peres», Emilia Perez) gowşuryldy.

«Konklaw» (Conclave) filminiň artistler topary-da iň gowy kasting, «Kaskadýorlar» (The Fall Guy) filminiň kaskadýorlaryda iň gowy kaskadýorlar topary diýlip saýlandy.

Teleýaýlym ugry boýunça-da Kolin Farrell («Pingwin», The Penguin), Jessika Ganning («Sugun çagasy», Baby Reindeer) gysga göwrümli seriallaryň, Hiroýuka Sanada bilen Anna Sawai (ikisem «Sýogun», Shogun) drama seriallarynyň, Martin Şort (Only Murders in the Building) bilenem Jin Smart («Hilegärler», Hacks) komediýa seriallarynyň iň gowy aktýory hem-de aktrisasy baýraklaryny gazandylar.

Dabaranyň dowamynda ussat aktrisa Jeýn Fonda «Ömürboýy başarnyk» baýragy bilen sylaglandy.

# TÄZE FILM

**Ady:** «Mikki 17» (Mickey 17); **Režissýory:** Pon Žun Ho; **Keşplerde:** Robert Pattinson, Naomi Aki, Stiwen Ýon, Toni Kollett, Mark Ruffalo; **Ssenariçi:** Pon Žun Ho (Edward Eştonyň adybir eseri esasynda); **Prodýuseri:** Dede Gardner, Jeremi Kleiner, Pon Žun Ho, Duho Çoi; **Kompozitory:** Çon Že Il; **Öndüriji:** «Plan B Entertainment», «Offscreen», «Kate Street Picture Company»; **Paýlaýjy:** «Warner Bros. Pictures»; **Dowamlylygy:** 137 minut; **Görnüşi:** ylmy-fantastik, gara komediýa; **Ýurdy:** Koreýa Respublikasy, ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 80–118 million $.

Kino sungatynyň iň uly baýragy bolan Oskaryň taryhynda uly yz galdyran koreýleriň «Mugthorlar» (Parasite) filminiň režissýory Pon Žun Honuň 5 ýyldan soňky ilkinji kinosy «Mikki 17» filmi geljek hepdäniň anna güni ekranlara çykar. Iňlis dilinde bolman iň gowy film saýlanan Režissýoryň täze filminde baş keşbi belli iňlis aktýory Robert Pattinson janlandyrýar. Berlin film festiwalynda ilkinji görkezilişi bolan filmde Pattinsona belli artistler – Naomi Aki, Stiwen Ýon, Toni Kollett, Mark Ruffalo dagy ýoldaşlyk edýär. Iňlis dilindäki ylmy-fantastik, gara komediýa görnüşli filmde ýaňlanýan sazlary Çon Že Il ýazdy. Ol «Kalmar oýunlary» serialynyň sazlarynyň hem awtorydyr. «Warner Bros.» kompaniýasy tarapyndan paýlanjak filmiň ssenarisini režissýoryň özi ýazdy.




Filmdäki wakalar tutuşlygyna buzdan planeta bolan «Niflheim»-de bolup geçýär. Bu ýerde hemişe barlag geçirýän Miki Barns juda howply tabşyryklary ýerine ýetirýär.



## 11-nji KROSSWORD



● **DIKLIGINE:** **1.** Döwlet nyşany. **2.** Himiki element. **3.** Gerdeni ýasy, eginlek. **4.** Sportuň bir görnüşi. **5.** Bir awtoryň sýužetleri meňzeş bolan üç sany eseri. **6.** Gowaçanyň heniz açylmadyk hoz şekilli düwünçegi. **11.** Üç sany wodorod atomyndan ybarat ikili organik däl himiki birleşme. **13.** Iki taraply ýüpek mata. **15.** Sözleýiş bozulmalarynyň ýörite pedagogik ylmy. **17.** Deňiz kelemi. **22.** Gelinleriň başyna atynýan hem daňynýan gülli ýuka ýüpek gyňajy. **24.** ...-taryp. **26.** Ülke, mekan. **27.** Itiň bir tohumy. **28.** Howanyň çyglylygyny we dürli gazlary kesgitlemek üçin döredilen ölçeg enjamy. **29.** Çap ediji enjamlaryň biri. **30.** Köpçülikleýin tomaşa etmek üçin üsti açyk gadymy bina. **31.** Antipartikullardan ybarat bir madda. **32.** Uzyn ýapon gylyjy. **39.** Äşgär. **41.** Geçiniň, keýigiň erkegi.

● **KESELIGINE:** **2.** Aziýanyň merjen şäheri. **7.** «... ýetse nadana, özün urar her ýana» (nakyl). **8.** Şweýsariýanyň sagat öndüriji kompaniýasy. **9.** Ýerasty-... **10.** Indoneziýada bir şäher. **12.** Kiçi zatlary görmek üçin enjam. **14.** Sözlemiň baş agzasy. **15.** Hytaý kagyz çyrajyklary. **16.** Kanagat, sabyr. **18.** Dodak (köne söz). **19.** Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy. **20.** Mallara bermek üçin zerur bolan arpa, däne, sarun, künjara ýaly iýmitler. **21.** «Günde ýüz ... geler-geçer bu başa, /Agyrtma, sözümi ýykmagyl, oglum» (Magtymguly Pyragy). **23.** Bir çetinden akar suw gelip goşulýan, giň meýdany tutup ýatan suw. **25.** Arap elipbiýinde bir harp. **27.** «Bedasyl ... gullugynda ýörinçäň, /Asyl begiň saýasynda kül bolgun» (Magtymguly Pyragy). **29.** Russiýanyň habarlar gullugy. **31.** ABŞ-da raketa hereketlendirijilerini öndüriji kompaniýalaryň biri. **33.** ...-giç. **34.** Ýamaýkanyň milli miwesi. **35.** Wulkan külünden emele gelen dag daşy. **36.** Hyýaly ertekilerde köp kelleli, ullakan jandar. **37.** Bahyl, erbet niýetli. **38.** 16 kilograma deň agyrlyk ölçegi. **39.** «Geldi Ýusup, Ahmet – iki gardaşym, /Sowga alyň, gyzlar, ... geledir» («Ýusup – Ahmet» dessanyndan). **40.** Döwülmedik, ulanmaga ýaramly. **42.** Ýüregiň diwaryny emele getirýän daşky gatlak. **43.** Himiki element. **44.** Elektron maglumat saklamak üçin enjamyň bir görnüşi. **45.** Distillasiýa üçin himiki barlaghanada we zawod tejribesinde ulanylýan enjam.

**9-njy skanwordyň jogaby:**



**10-njy krosswordyň jogaby:**



**Merdan AMADOW,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## 12-nji KROSSWORD



● **DIKLIGINE:** **1.** Tahýanyň depesine keşdelenip salynýan nagyş. **2.** Mugallymyň ýolbaşçylygynda talybyň taýýarlaýan ýazuw işi. **3.** «Jansyz çapar, janly urar» (matal). **4.** Garşylygy aňladýan baglaýjy. **5.** Öňki mukdaryndan, göwrüminden şonça gezek köp. **6.** Öý jandary. **7.** Habar ýetirmek üçin ýörite iberilýän atly habarçy. **8.** Bezeg şaýy. **9.** Angliýaly beýik şahyr, dramaturg. **14.** Süzmeden taýýarlanýan iýmit. **15.** ...-jenjel. **18.** Beden agzasy. **19.** Hoşamaýlyk, mylaýymlyk. **21.** Ýazyjydyr şahyrlaryň kabul eden edebi ady, tahallus. **22.** Geýim-gejimiň, ýorganyň we ş.m. iç ýüzünden tutulýan mata. **24.** Çig hamdan togalak edilip örülen gamçy. **25.** Ýabany pişigiň bir görnüşi. **26.** Tikinçilik guraly. **29.** Deňiz jandary. **30.** Ýaponiýanyň gadymy harby derejesi. **32.** Şekerden taýýarlanýan iýmit. **33.** Şweýsariýanyň paýtagty. **35.** Bir işi amala aşyrmagyň ugur-ýoluny bilmeýän. **36.** Daş-töweregi boşluk, çetdelik. **38.** Suwaryş ulgamlary üçin gazylýan uly, giň ýap. **39.** Salyhatly, edep-ekramly. **41.** Baglaýjy kömekçi. **42.** ...-ganly, dolmuş. **43.** «... garrasa, köşegine eýerer» (nakyl).

● **KESELIGINE:** **1.** Ýyldyz. **7.** Alty aýdan on bir aý aralygyndaky owlak. **10.** Gazyň basyşynyň ölçeg birligi. **11.** Balygyň bir görnüşi. **12.** Içi zaýalanan, düşen. **13.** Drama eseriniň bir görnüşi. **16.** Wäşi, degişgen. **17.** Duşman, keseki. **20.** Garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. **23.** Miwe. **25.** Ölçeg birligi. **27.** Parasatly, sowatly. **28.** Çagyryş bilen kimdir birine ýüzlenme. **29.** Russiýada bir şäher. **31.** Okuw dersi. **34.** Bir aýdylan zady gaýtalap durmak, irizmek. **37.** Dogry, dürs. **39.** Her jandaryň görnüşiniň tebigy mekany, belli bir suw meýdany ýa-da çäk. **40.** Ýurdumyzda bir goraghana. **44.** Tokaý jandary. **45.** Oglan ady. **46.** Rus milli saz guraly. **47.** Nagyş salmak üçin owunjak sanjylyp tikilýän tikiniň bir görnüşi. **48.** Gumluk ýerlerde, çägeliklerde bitýän, gurakçylyga çydamly pürli agaç.

**Teke GAÝLYÝEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# TÄZE MÖWSÜME BADALGA BERILÝÄR



Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary Ligasynyň täze möwsümine 4-nji martda badalga berler. 8 klubuň gatnaşýan çempionatynda 1-2-nji aýlawyň duşuşyklary 22-nji iýuna çenli dowam eder. Çempionata soňky 2 möwsümiň çempiony «Arkadag» (Arkadag şäheri), «Ahal» (Änew şäheri), «Altyn asyr» (Aşgabat şäheri), «Şagadam» (Türkmenbaşy şäheri), «Merw» (Mary şäheri), «Aşgabat» (Aşgabat şäheri), «Nebitçi» (Balkanabat şäheri) hem-de «Köpetdag» (Aşgabat şäheri) klublary gatnaşar.

Geçen möwsümde «Arkadag» topary çempion bolup, «Ahal» 2-nji, «Altyn asyr» 3-nji orny eýeläpdi.

Çempionat 4 aýlawdan ybarat bolar.

| I AÝLAW | | | II AÝLAW | | |
|---|---|---|---|---|---|
| I tapgyr | | | VIII tapgyr | | |
| 4-nji mart (sişenbe) | «Ahal» – «Nebitçi» | – | 26-njy aprel (şenbe) | «Aşgabat» – «Altyn asyr» | – |
| 5-nji mart (çarşenbe) | «Altyn asyr» – «Aşgabat» | – | 26-njy aprel (şenbe) | «Merw» – «Şagadam» | – |
| 5-nji mart (çarşenbe) | «Şagadam» – «Merw» | – | 26-njy aprel (şenbe) | «Nebitçi» – «Ahal» | – |
| Senesi geçirilen | «Arkadag» – «Köpetdag» | – | 26-njy aprel (şenbe) | «Köpetdag» – «Arkadag» | – |
| II tapgyr | | | IX tapgyr | | |
| 10-njy mart (duşenbe) | «Aşgabat» – «Şagadam» | – | 2-nji maý (anna) | «Altyn asyr» – «Nebitçi» | – |
| 10-njy mart (duşenbe) | «Nebitçi» – «Altyn asyr» | – | 3-nji maý (şenbe) | «Şagadam» – «Aşgabat» | – |
| 11-nji mart (sişenbe) | «Köpetdag» – «Merw» | – | 3-nji maý (şenbe) | «Merw» – «Köpetdag» | – |
| Senesi geçirilen | «Arkadag» – «Ahal» | – | 3-nji maý (şenbe) | «Ahal» – «Arkadag» | – |
| III tapgyr | | | X tapgyr | | |
| 14-nji mart (anna) | «Ahal» – «Köpetdag» | – | 9-njy maý (anna) | «Aşgabat» – «Merw» | – |
| 14-nji mart (anna) | «Şagadam» – «Nebitçi» | – | 9-njy maý (anna) | «Nebitçi» – «Şagadam» | – |
| 14-nji mart (anna) | «Merw» – «Aşgabat» | – | 10-njy maý (şenbe) | «Arkadag» – «Altyn asyr» | – |
| 15-nji mart (şenbe) | «Altyn asyr» – «Arkadag» | – | 11-nji maý (ýekşenbe) | «Köpetdag» – «Ahal» | – |
| IV tapgyr | | | XI tapgyr | | |
| 29-njy mart (şenbe) | «Köpetdag» – «Aşgabat» | – | 17-nji maý (şenbe) | «Aşgabat» – «Köpetdag» | – |
| 29-njy mart (şenbe) | «Nebitçi» – «Merw» | – | 17-nji maý (şenbe) | «Şagadam» – «Arkadag» | – |
| 30-njy mart (ýekşenbe) | «Arkadag» – «Şagadam» | – | 17-nji maý (şenbe) | «Merw» – «Nebitçi» | – |
| 30-njy mart (ýekşenbe) | «Ahal» – «Altyn asyr» | – | 18-nji maý (ýekşenbe) | «Altyn asyr» – «Ahal» | – |
| V tapgyr | | | XII tapgyr | | |
| 2-nji aprel (çarşenbe) | «Merw» – «Arkadag» | – | 30-njy maý (anna) | «Arkadag» – «Merw» | – |
| 2-nji aprel (çarşenbe) | «Aşgabat» – «Nebitçi» | – | 30-njy maý (anna) | «Ahal» – «Şagadam» | – |
| 3-nji aprel (penşenbe) | «Altyn asyr» – «Köpetdag» | – | 31-nji maý (şenbe) | «Köpetdag» – «Altyn asyr» | – |
| 3-nji aprel (penşenbe) | «Şagadam» – «Ahal» | – | 31-nji maý (şenbe) | «Nebitçi» – «Aşgabat» | – |
| VI tapgyr | | | XIII tapgyr | | |
| 11-nji aprel (anna) | «Ahal» – «Merw» | – | 14-nji iýun (şenbe) | «Nebitçi» – «Köpetdag» | – |
| 12-nji aprel (şenbe) | «Altyn asyr» – «Şagadam» | – | 14-nji iýun (şenbe) | «Merw» – «Ahal» | – |
| 12-nji aprel (şenbe) | «Arkadag» – «Aşgabat» | – | 14-nji iýun (şenbe) | «Şagadam» – «Altyn asyr» | – |
| 13-nji aprel (ýekşenbe) | «Köpetdag» – «Nebitçi» | – | 14-nji iýun (şenbe) | «Aşgabat» – «Arkadag» | – |
| VII tapgyr | | | XIV tapgyr | | |
| 19-njy aprel (şenbe) | «Şagadam» – «Köpetdag» | – | 21-nji iýun (şenbe) | «Arkadag» – «Nebitçi» | – |
| 19-njy aprel (şenbe) | «Merw» – «Altyn asyr» | – | 21-nji iýun (şenbe) | «Köpetdag» – «Şagadam» | – |
| 19-njy aprel (şenbe) | «Aşgabat» – «Ahal» | – | 22-nji iýun (ýekşenbe) | «Altyn asyr» – «Merw» | – |
| 20-nji aprel (ýekşenbe) | «Nebitçi» – «Arkadag» | – | 22-nji iýun (ýekşenbe) | «Ahal» – «Aşgabat» | – |

Ätiýaçdaky günler
**06.04.2025 (ýekşenbe)**
**15.04.2025 (sişenbe)**
**23.04.2025 (çarşenbe)**
**14.05.2025 (çarşenbe)**
**21.05.2025 (çarşenbe)**
**27.05.2025 (sişenbe)**
**02-10.06.2025 FIFA-nyň günleri**
**25.06.2025 (çarşenbe)**
**28.06.2025 (şenbe)**

# Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň bijeleri çekildi

UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň bijeleri az salym öň çekildi. Bijä laýyklykda, Madrid derbisi, şol sanda-da nemes derbisi oýnalar. Ýagny «Real» şäherdeşi «Atletiko» bilen, «Bawariýa» bolsa «Baýer» bilen bije çekişdi. PSŽ-niň bijesine-de «Liwerpul» çykdy. «Milany» ýeňen «Feýenoordyň» indiki garşydaşy-da şol şäheriň başga wekili «Inter» boldy.

«Arsenal» topary PSW bilen mundan ozal 10 gezek UEFA-nyň ýaryşlarynda gabatlaşdylar. Şolaryň 4-sinde iňlisler, 2-sinde niderlandlar ýeňiş gazanyp, 4 oýun deňlikde tamamlandy. «Aston Willa» bilen 1/8 finalyň garaşylmadyk topary «Klub Brýuggeniň» arasynda-da mundan öň 1 duşuşyk oýnaldy. Ol şu möwsümde ýaryşyň liga tapgyryndaky duşuşyk bolup, Belgiýanyň wekili öz meýdançasynda 1-0 hasabynda ýeňipdi.

«Inter» bilen «Feýenoord» toparlarynyň mundan öňki 2 duşuşygynda italýan klubunyň ýeňşi ýok. Rotterdamlylar 1 oýunda ýeňip, beýleki duşuşykda-da deňme-deň oýnadylar.

Fransiýanyň «Lill» topary bilen «Borussiýa Dortmund» öňümizdäki 2 hepdäniň dowamynda 3-4-nji gezek duşuşarlar. Öňki 2 oýunda-da ýeňiş gazanan bolmady (0–0, 1–1).

Çempionlar Ligasyndaky nemes derbisinde «Bawariýa» bilen «Baýer» öz milli çempionatydyr kubok ýaryşlarynda telim gezek duşuşsalaram, UEFA-nyň bäsleşiklerinde ilkinji sapar güýç synanyşarlar. «Bawariýa» toparyna çempionatda soňky 4 oýundan bäri «Baýeri» ýeňmek başardanok.

1/8 finalyň iň esasy duşuşygy, şübhesiz, Madrid derbisi bolar. Madridiň «Realy» bilen «Atletiko» toparlary UEFA-nyň ýaryşlarynda mundan ozal 10 gezek duşuşdylar. Şolaryň 5-sinde «Real», 3-sinde «Atletiko» ýeňiş gazanyp, 2 oýun deňlikde tamamlandy. «Atletikonyň» 11 goluna «Real» 16 gol bilen jogap berdi. Olaryň arasyndaky iň ýatda galyjy 2 duşuşyk 2014-nji we 2016-njy ýyllardaky final duşuşyklarydyr. 1-njisinde soňky minutlarda Ramosyň goly bilen hasaby deňlän «Real» goşmaça wagtda 4-1 hasabynda ýeňiş gazanypdy. 2016-njy ýyldaky finalda bolsa



«Real» penaltileriň netijesinde ýeňşini baýram edipdi.

1/8 finalyň ünsi çekýän 2-nji duşuşygy pleý-off tapgyrynda «Ligue 1»-iň wekili «Brestiň» derwezesinden jogapsyz 10 gol geçiren PSŽ bilen liga tapgyryny 1-nji orunda tamamlan «Liwerpulyň» arasyndaky oýun bolar. Iki topar mundan öň 4 gezek duşuşdy. Şolarda «Liwerpul» 2 gezek ýeňdi. 2 duşuşyk hem deňlikde tamamlandy.

1/8 finalyň 1-nji oýunlary 4-5-nji martda oýnalar. Jogap duşuşyklary bolsa 11-12-nji martda geçiriler.




## 1/8 finalyň duşuşyklary

**4-nji mart (sişenbe)**
Klub Brýugge – Aston Willa (22:45)
Borussiýa Dortmund – Lill (01:00)
PSW – Arsenal (01:00)
Real Madrid – Atletiko Madrid (01:00)
**5-nji mart (çarşenbe)**
Feýenoord – Inter (22:45)
Bawariýa – Baýer (01:00)
Benfika – Barselona (01:00)
PSŽ – Liwerpul (01:00)

**11-nji mart (sişenbe)**
Barselona – Benfika (22:45)
Inter – Feýenoord (01:00)
Baýer – Bawariýa (01:00)
Liwerpul – PSŽ (01:00)
**12-nji mart (çarşenbe)**
Lill – Borussiýa Dortmund (22:45)
Arsenal – PSW (01:00)
Aston Willa – Klub Brýugge (01:00)
Atletiko Madrid – Real Madrid (01:00)

**Çärýek final duşuşyklary (8-9-njy aprel, 15-16-njy aprel)**
PSŽ/Liwerpul — Klub Brýugge/Aston Willa
PSW/Arsenal — Real Madrid/Atletiko Madrid
Benfika/Barselona — Borussiýa Dortmund/Lill
Bawariýa/Baýer — Feýenoord/Inter

**Ýarym final duşuşyklary (29-30-njy aprel, 6-7-nji maý)**
PSW/Arsenal/Real/Atletiko —
PSŽ/Liwerpul/K. Brýugge/Aston Willa
Benfika/Barselona/Borussiýa D/Lill —
Bawariýa/Baýer/Feýenoord/Inter.



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

***28-nji fewral (anna)***
**Ştutgart – Bawariýa (00:30)**
Fiorentina – Leçce (00:45)
Monako – Reýms (00:45)

***1-nji mart (şenbe)***
**Zenit – SSKA (18:30)**
Leipsig – Maýns (19:30)
Sankt-Pauli – Borussiýa D (19:30)
**Napoli – Inter (22:00)**
**Barselona – Real Sosiedad (22:30)**
**Aýntraht – Baýer (22:30)**
**Atletiko – Atletik (01:00)**
**PSŽ – Lill (01:05)**

***2-nji mart (ýekşenbe)***
Kasympaşa – Galatasaraý (18:00)
**Betis – Real Madrid (20:15)**
Roma – Koma (22:00)
Fenerbahçe – Antalýaspor (22:30)
**Milan – Lasio (00:45)**
Marsel – Nant (00:45)

***3-nji mart (duşenbe)***
Ýuwentus – Werona (00:45)

# «LIWERPUL» ÇEMPIONLYGA BARÝAR

Angliýanyň çempionatynda soňky 7 günüň dowamynda 2 tapgyryň duşuşygy geçirilip, 28-nji tapgyryň oýunlary 8–9-njy martda oýnalar. «Liwerpul» topary «Mançester Sitiden» soň «Nýukasly» hem 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «West Hamdan» 1–0 hasabynda asgyn gelen «Arsenal» myhmançylykda «Nottingam Forest» bilenem golsuz deňme-deň oýnap, 5 utuk ýitirdi. Şunlukda, kem-kemden çempionlyga barýan «Liwerpul» 2-nji ýerdäki «Arse-





naldan» 13 utuk öňe saýlandy. «Mançester Sitiniň» derwezesinden 1 gol geçirip, beýleki goluň hem pasyny beren Salah şu möwsümde 11 oýunda hem gol saldy, hem-de asist etdi. Soňky gezek şeýle statistika Lionel Messiniň karýerasynda hasaba alnyp, ol 2013/14 möwsüminde 11 oýunda hem gol geçirip, hemem goluň pasyny beripdi. Salah APL-de 2 möwsümde 40 gola gönümel goşant eden ilkinji futbolçy boldy. Şeýle-de, «Mançester Siti» Pep Guardiolanyň tälimçiliginde ilkinji gezek öz meýdançasynda «Liwerpuldan» ýeňildi. Guardiola tälimçilik karýerasynda 1 möwsümde 14-nji gezek utulyp, öz antirekordyny ýokarlandyrdy. «Liwerpul» bilen «Mançester Sitiniň» arasyndaky utuk tapawudy 20-ä çykdy.

«Mançester Siti» soňky tapgyrda myhmançylykda «Tottenhamy» Holannyň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. «Çelsi» bolsa şowsuz netijelerden soň «Southemptondan» 4–0 hasabynda üstün çykdy. «Ewerton» bilen 2-2 hasabynda deňme-deň oýnan «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Ipswiç Tawny» kynlyk bilen ýeňdi (3–2).

# ÝEWROPA hem-de KONFERENSIÝA LIGALARYNYŇ 1/8 FINALYŇ DUŞUŞYKLARY

UEFA Ýewropa Ligasynda 1/8 finalyň bijeleri çekildi. Bijä görä, çempionlygyň esasy dalaşgärlerinden «Mançester Ýunaýted» ispan kluby «Real Sosiedad» bilen bije çekişdi. «Aýaks» bilen «Aýntraht» çärýek finala çykmak üçin özara göreşerler. «Roma» bilen «Atletik Bilbao», «Wiktoriýa Plzen» bilenem «Lasio» 1/8 finalda duşuşarlar. Türkiýäniň «Fenerbahçe» toparynyň bijesine-de Şotlandiýanyň «Reýnjers» kluby düşdi. 1/8 finalyň 1-nji oýunlary 6-njy martda, jogap duşuşyklary bolsa 13-nji martda geçiriler. 1-nji oýunda 22:45-de başlan duşuşyklaryň jogap oýunlary 01:00-da başlanar.




Fenerbahçe — Reýnjers (22:45), FKSB — Lion (22:45), AZ Alkmaar — Tottenham (22:45), Real Sosiedad — Mançester Ýunaýted (22:45), Aýaks — Aýntraht (01:00), Bude-Glimt — Olimpiakos (01:00), Wiktoriýa Plzen — Lasio (01:00), Roma — Atletik Bilbao (01:00)

● UEFA Konferensiýa Ligasynda-da 1/8 finalyň bijeleri çekildi. Ýaryşyň birinji derejeli fawoariti «Çelsi» Daniýanyň «Kopengagen» kluby bilen duşuşar. «Betis» topary-da «Witoriýa de Gimaraýnş» topary bilen bije çekişdi. Ilkinji 2 ýaryşyň finalçysy «Fiorentina» toparynyň bijesine-de Gresiýanyň «Panatinaikos» topary düşdi. Duşuşyklar 6-njy we 13-nji martda oýnalar. 1-nji oýunda 22:45-de başlan duşuşyklaryň jogap oýunlary 01:00-da başlanar.

Betis — Witoriýa de Gimaraýnş (22:45), Panatinaikos — Fiorentina (22:45), Kopengagen — Çelsi (22:45), Molde — Legiýa Warşawa (22:45), Ýagelloniýa Belostok — Serkl Brýugge (01:00), Selýe — Lugano (01:00), Pafos — Ýurgorden (01:00), Boras Banýa Luka — Rapid Wena (01:00).

# «WTA 1000» ÝARYŞYNYŇ IŇ ÝAŞ ÝEŇIJISI



Zenanlaryň arasynda BAE-de geçirilen Dubaý tennis çempionatynda russiýaly Mirra Andreýewa ýeňiş gazandy. Ol finalda daniýaly Klara Tausony 2 setde – 7:6 we 6:1 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu onuň karýerasy boýunça 2-nji çempionlygydyr. 17 ýaşyndaky Mirra Andreýewa «WTA 1000» görnüşli ýaryşda çempionlyk gazanan iň ýaş tennisçi bolmagy başardy.

● Tennis boýunça erkekleriň arasynda Dohada geçirilen «Katar Açyk» ýaryşynda russiýaly Andreý Rublýow ýeňiji boldy. Ol finalda britaniýaly Jäk Dreperi 7:5, 5:7 we 6:1 hasaplar bilen ýeňip, 17-nji ATP çempionlygyny gazandy. «ATP 500» derejesinde geçirilýän we 3 million dollar baýrak gaznasy bolan ýaryşda Rublýow 3-nji finalynda 2020-nji ýyldan soň 2-nji gezek çempion bolmagy başardy.

● Braziliýanyň Rio de Žaneýro şäherinde erkekleriň arasynda guralan «Rio Açyk» tennis ýaryşynda argentinaly Sebastian Baes çempionlyk gazandy. Ol finalda fransiýaly Aleksander Müllerden 6:2, 6:3 hasaplar bilen üstün çykdy. Bu onuň 7-nji çempionlygydyr. Öňki hepde Argentinanyň paýtagty Buenos-Aýresde geçirilen ýaryşda braziliýaly Žoao Fonseka çempion bolupdy. Braziliýada geçirilen bu gezekki ýaryşda bolsa argentinaly tennisçi ýeňiş gazandy.

## PREMIER LEAGUE (27) — 26 gol

**Braýton—Bornmut: 2–1** (Žoao Pedro 12 p, Welbek 75 — Kluiwert 61), **Wulwerhempton—Fulham: 1–2** (Žoao Gomes 18 — Sessenion 1, Muniz 47), **K. Palas—A. Willa: 4–1** (Sarr 29, 71, Mateta 59, Nketia 90+1 — Rojers 52), **Çelsi—Southempton: 4–0** (Nkunku 24, Pedro Neto 36, Kolwill 44, Kukurelýa 78), **Brentford—Ewerton: 1–1** (Wissa 45+1 — O'Braýen 77), **N. Forest—Arsenal: 0–0, Tottenham—Man. Siti: 0–1** (Holann 12), **Man. Ýunaýted—Ipswiç: 3–2** (Morsi 22 ö.d., De Ligt 26, Maguar 47 — Filogen 4, 45+2), **Liwerpul—Nýukasl: 2–0** (Soboslai 11, Mak Allister 63), **West Ham—Lester**

## LA LIGA (25) — 28 gol

**Selta—Osasuna: 1–0** (Ýago Aspas 69 p), **Alawes—Espanýol: 0–1** (Kalero 86), **R. Wallekano—Wilýarreal: 0–1** (Aýose Peres 66), **Walensiýa—Atletiko: 0–3** (Alwares 12, 30, Korrea 86), **Las Palmas—Barselona: 0–2** (Olmo 62, Torres 90+5), **Atletik—Walýadolid: 7–1** (Hauregisar 10, N. Williams 35, 66, Sennadi 43, Sanset 45+2, Guruseta 69, I. Williams 87 — Silla 47), **Real Madrid—Žirona: 2–0** (Modriç 41, Winisius 83), **Hetafe —Betis: 1–2** (Maýoral 82 — Isko 18, 77 p), **R. Sosiedad—Leganes : 3–0** (Zaharýan 12, Kubo 48, Olasagasti 80), **Sewilýa—Malýorka: 1–1** (Salas 45+2 — Walient 90+1)

## SERIE A (26) — 19 gol

**Leçce—Udineze: 0–1** (Lukka 32 p), **Parma—Bolonýa: 2–0** (Bonni 37 p, Zom 79), **Wenesiýa—Lasio: 0–0, Torino—Milan: 2–1** (Tiaw 5 ö.d., Gineýtis 76 — Reýnders 74), **Inter—Jenoa: 1–0** (Lautara Martines 78), **Komo—Napoli: 2–1** (Rrahmani 7 ö.d., Diao 77 — Raspadori 17), **Werona—Fiorentina: 1–0** (Berned 90+5), **Empoli—Atalanta: 0–5** (Gýasi 27 ö.d., Retegi 33, Lukman 43, 55, Zappakosta 74), **Kaliari—Ýuwentus: 0–1** (Wlahowiç 12), **Roma—Monza: 4–0** (Salemakers 10, Şomuradow 32, Anhelinio 73, Kristante 8)

## BUNDESLIGA (23) — 19 gol

**Fraýburg—Werder: 5–0** (Sildilýa 15, Grifo 33, 57, Doan 76, 90+2), **Wolfsburg—Bohum: 1–1** (Swanberg 81 — Maşowiç 50), **Maýns—Sankt-Pauli: 2–0** (Li Že Son 67, Nebel 90+5), **Borussiýa M—Augsburg: 0–3** (Klod-Moris 55, 61, 70), **Holştaýn—Baýer: 0–2** (Şik 9, Adli 45), **Borussiýa D—Union Berlin: 6–0** (Leýte 25 ö.d., Girassi 40, 75, 80, 83, Baýer 89), **Leipsig—Haýdenhaým: 2–2** (Openda 45+2, Şeşko 64 p — Gonsak 6, Piringer 13 p), **Bawariýa—Aýntraht: 4–0** (Olise 45+3, Ito 62, Musiala 83, Gnabri 90+3), **Hoffenhaým—Ştutgart: 1–1 (**Orban 74 — Woltemade 9)

## LIGUE 1 (23) — 29 gol

**Renn—Reýms: 1–0** (Kalimuendo 10 p), **Lill—Monako: 2–1** (Haraldsson 22, 42 — Minamino 45+1), **Sent-Etien—Anže: 3–3** (Kardona 36, 74, Ekwa 52 — Abdelli 7 p, 17, 90+4 p), **Oser—Marsel: 3–0** (Perren 34, Žubal 75 p, 90+1), **Nant—Lans: 3–1** (Leru 36, Simon 61 p, Elia 90+5 — El-Aýnaui 65 p), **Le Hawr—Tuluza: 1–4** (Sumare 51 — Abuhlal 9, Sierro 56 p, Dennum 63, Magri 78), **Strasbur—Brest: 0–0, Nissa—Monpelie: 2–0** (Kloss 30, Budaui 65), **Lion—PSŽ: 2–3** (Şerki 83, Tolisso 90+2 — Hakimi 53, 85, Dembele 59)

### ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 28 | 20 | 7 | 1 | 66-26 | 67 |
| 2 | ARSENAL | 27 | 15 | 9 | 3 | 51-23 | 54 |
| 3 | N. FOREST | 27 | 14 | 6 | 7 | 44-33 | 48 |
| 4 | MAN. SITI | 27 | 14 | 5 | 8 | 53-37 | 47 |
| 5 | ÇELSI | 27 | 13 | 7 | 7 | 52-36 | 46 |
| 6 | NÝUKASL | 27 | 13 | 5 | 9 | 46-38 | 44 |
| 7 | BORNMUT | 27 | 12 | 7 | 8 | 45-32 | 43 |
| 8 | BRAÝTON | 27 | 11 | 10 | 6 | 44-39 | 43 |
| 9 | FULHAM | 27 | 11 | 9 | 7 | 40-36 | 42 |
| 10 | ASTON WILLA | 28 | 11 | 9 | 8 | 40-45 | 42 |
| 11 | BRENTFORD | 27 | 11 | 5 | 11 | 48-43 | 38 |
| 12 | KRISTAL PALAS | 27 | 9 | 9 | 9 | 35-33 | 36 |
| 13 | TOTTENHAM | 27 | 10 | 3 | 14 | 53-39 | 33 |
| 14 | M. ÝUNAÝTED | 27 | 9 | 6 | 12 | 33-39 | 33 |
| 15 | EWERTON | 27 | 7 | 11 | 9 | 30-34 | 32 |
| 16 | WEST HAM | 26 | 8 | 6 | 12 | 30-47 | 30 |
| 17 | W. HEMPTON | 27 | 6 | 4 | 17 | 37-56 | 22 |
| 18 | IPSWIÇ TAWN | 27 | 3 | 8 | 16 | 26-57 | 17 |
| 19 | LESTER SITI | 26 | 4 | 5 | 17 | 25-59 | 17 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 27 | 2 | 3 | 22 | 19-65 | 9 |

### ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 25 | 17 | 3 | 5 | 67-25 | 54 |
| 2 | REAL MADRID | 25 | 16 | 6 | 3 | 54-23 | 54 |
| 3 | ATLETIKO M | 25 | 15 | 8 | 2 | 42-16 | 53 |
| 4 | ATLETIK B | 25 | 13 | 9 | 3 | 44-22 | 48 |
| 5 | WILÝARREAL | 25 | 12 | 8 | 5 | 48-35 | 44 |
| 6 | R. WALLEKANO | 25 | 9 | 8 | 8 | 27-26 | 35 |
| 7 | BETIS | 25 | 9 | 8 | 8 | 32-32 | 35 |
| 8 | MALÝORKA | 25 | 10 | 5 | 10 | 24-31 | 35 |
| 9 | R. SOSIEDAD | 25 | 10 | 4 | 11 | 23-23 | 34 |
| 10 | SELTA | 25 | 9 | 5 | 11 | 36-38 | 32 |
| 11 | SEWILÝA | 25 | 8 | 8 | 9 | 30-35 | 32 |
| 12 | OSASUNA | 25 | 7 | 11 | 7 | 29-34 | 32 |
| 13 | ŽIRONA | 25 | 9 | 4 | 12 | 32-37 | 31 |
| 14 | HETAFE | 25 | 7 | 9 | 9 | 21-20 | 30 |
| 15 | ESPANÝOL | 25 | 7 | 6 | 12 | 24-36 | 27 |
| 16 | LEGANES | 25 | 5 | 9 | 11 | 22-38 | 24 |
| 17 | LAS PALMAS | 25 | 6 | 5 | 14 | 29-43 | 23 |
| 18 | WALENSIÝA | 25 | 5 | 8 | 12 | 25-41 | 23 |
| 19 | ALAWES | 25 | 5 | 7 | 13 | 28-39 | 22 |
| 20 | WALÝADOLID | 25 | 4 | 3 | 18 | 16-59 | 15 |

### ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 26 | 17 | 6 | 3 | 59-24 | 57 |
| 2 | INTER | 26 | 17 | 5 | 4 | 42-21 | 56 |
| 3 | ATALANTA | 26 | 16 | 6 | 4 | 59-26 | 54 |
| 4 | ÝUWENTUS | 26 | 12 | 13 | 1 | 43-21 | 49 |
| 5 | LASIO | 26 | 14 | 5 | 7 | 47-34 | 47 |
| 6 | FIORENTINA | 26 | 12 | 6 | 8 | 41-28 | 42 |
| 7 | MILAN | 25 | 11 | 8 | 6 | 37-26 | 41 |
| 8 | BOLONÝA | 25 | 10 | 11 | 4 | 38-31 | 41 |
| 9 | ROMA | 26 | 11 | 7 | 8 | 40-29 | 40 |
| 10 | UDINEZE | 26 | 10 | 6 | 10 | 33-37 | 36 |
| 11 | TORINO | 26 | 7 | 10 | 9 | 29-32 | 31 |
| 12 | JENOA | 26 | 7 | 9 | 10 | 24-34 | 30 |
| 13 | KOMO | 26 | 7 | 7 | 12 | 32-41 | 28 |
| 14 | WERONA | 26 | 8 | 2 | 16 | 27-54 | 26 |
| 15 | KALIARI | 26 | 6 | 7 | 13 | 26-40 | 25 |
| 16 | LEÇÇE | 26 | 6 | 7 | 13 | 18-42 | 25 |
| 17 | PARMA | 26 | 5 | 8 | 13 | 32-45 | 23 |
| 18 | EMPOLI | 26 | 4 | 9 | 13 | 22-43 | 21 |
| 19 | WENESIÝA | 26 | 3 | 8 | 15 | 22-41 | 17 |
| 20 | MONZA | 26 | 2 | 8 | 16 | 21-43 | 14 |

### GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 23 | 18 | 4 | 1 | 69-19 | 58 |
| 2 | BAÝER | 23 | 14 | 8 | 1 | 51-27 | 50 |
| 3 | AÝNTRAHT | 23 | 12 | 6 | 5 | 49-33 | 42 |
| 4 | FRAÝBURG | 23 | 12 | 3 | 8 | 34-36 | 39 |
| 5 | MAÝNS | 23 | 11 | 5 | 7 | 37-24 | 38 |
| 6 | LEIPSIG | 23 | 10 | 8 | 5 | 38-31 | 38 |
| 7 | ŞTUTGART | 23 | 10 | 6 | 7 | 41-34 | 36 |
| 8 | WOLFSBURG | 23 | 9 | 7 | 7 | 46-37 | 34 |
| 9 | BORUSSIÝA M | 23 | 10 | 4 | 9 | 35-35 | 34 |
| 10 | BORUSSIÝA D | 23 | 9 | 5 | 9 | 43-38 | 32 |
| 11 | AUGSBURG | 23 | 8 | 7 | 8 | 27-35 | 31 |
| 12 | WERDER | 23 | 8 | 6 | 9 | 35-47 | 30 |
| 13 | UNION BERLIN | 23 | 6 | 6 | 11 | 21-35 | 24 |
| 14 | HOFFENHAÝM | 23 | 5 | 7 | 11 | 30-46 | 22 |
| 15 | SANKT-PAULI | 23 | 6 | 3 | 14 | 18-27 | 21 |
| 16 | HAÝDENHAÝM | 23 | 4 | 3 | 16 | 27-47 | 15 |
| 17 | BOHUM | 23 | 3 | 6 | 14 | 22-47 | 15 |
| 18 | HOLŞTAÝN | 23 | 3 | 4 | 16 | 34-59 | 13 |

### FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 23 | 18 | 5 | 0 | 62-22 | 59 |
| 2 | MARSEL | 23 | 14 | 4 | 5 | 50-29 | 46 |
| 3 | NISSA | 23 | 12 | 7 | 4 | 46-27 | 43 |
| 4 | LILL | 23 | 11 | 8 | 4 | 38-23 | 41 |
| 5 | MONAKO | 23 | 12 | 4 | 7 | 45-31 | 40 |
| 6 | LION | 23 | 10 | 6 | 7 | 42-30 | 36 |
| 7 | STRASBUR | 23 | 9 | 7 | 7 | 37-32 | 34 |
| 8 | LANS | 23 | 9 | 6 | 8 | 26-25 | 33 |
| 9 | BREST | 23 | 10 | 3 | 10 | 35-38 | 33 |
| 10 | TULUZA | 23 | 8 | 6 | 9 | 27-26 | 30 |
| 11 | OSER | 23 | 7 | 7 | 9 | 34-37 | 28 |
| 12 | ANŽE | 23 | 7 | 6 | 10 | 26-34 | 27 |
| 13 | RENN | 23 | 8 | 2 | 13 | 30-32 | 26 |
| 14 | NANT | 23 | 5 | 9 | 9 | 28-40 | 24 |
| 15 | REÝMS | 23 | 5 | 7 | 11 | 26-35 | 22 |
| 16 | SENT-ETIEN | 23 | 5 | 4 | 14 | 23-53 | 19 |
| 17 | LE HAWR | 23 | 5 | 2 | 16 | 19-47 | 17 |
| 18 | MONPELIE | 23 | 4 | 3 | 16 | 21-54 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Premier League)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 25 |
| 2 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 20 |
| 3 | Aleksander ISAK (Nýukasl) | 19 |
| 4 | Kris WUD (Nottingam Forest) | 18 |
| 5 | Brian MBEMO (Brentford) | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (La Liga)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 20 |
| 2 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 17 |
| 3 | RAFINÝA (Barselona) | 13 |
| 4 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 13 |
| 5 | Oýan SANSET (Atletik) | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Serie A)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo RETEGI (Atalanta) | 21 |
| 2 | Moýze KEN (Fiorentina) | 15 |
| 3 | Markus TURAM (Inter) | 13 |
| 4 | Ademola LUKMAN (Atalanta) | 12 |
| 5 | Lautara MARTINES (Inter) | 10 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Bundesliga)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 21 |
| 2 | Omar MARMUŞ (Aýntraht) | 15 |
| 3 | Patrik ŞIK (Baýer) | 15 |
| 4 | Tim KLÝAÝNDINST (Borussiýa M) | 14 |
| 5 | Jonatan BURKARDT (Maýns) | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Ligue 1)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Usman DEMBELE (PSŽ) | 17 |
| 2 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 14 |
| 3 | Jonatan DEWID (Lill) | 12 |
| 4 | Bredli BARKOLA (PSŽ) | 11 |
| 5 | Emanuel EMEGHA (Strasbur) | 10 |

# «Serie A»-da sanawyň lideri üýtgedi

**Italiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri üýtgedi. Myhmançylykda «Komodan» 2–1 hasabynda utulan «Napoli» 2-nji orna düşdi. Duşuşykda ýer eýeleriniň gollaryny 7-nji minutda Rrahmani öz derwezesinden hem-de



77-nji minutda Diao geçirdi. 3 deňlikden soň utulan «Napoli» 4 oýundan bäri ýeňiş gazanyp bilenok. Jenoany Lautara Martinesiň ýeke-täk goly bilen ýeňen «Inter» 1-nji orna beýgeldi. Şol hasap bilen «Ýuwentus» hem myhmançylykda Wlahowiçiň goly esasynda «Kaliarini» utdy. Lukmanyň 2 gezek tapawutlanan oýnunda «Atalanta» myhmançylykda «Empoliniň» derwezesinden jogapsyz 5 gol geçirdi. «Milan» bolsa «Torinodan» 2–1 hasabynda asgyn geldi. Duşuşykda «Milandan» Pulişiç penalti urgusyndan peýdalanyp bilmedi. Şu ýyla geçip ýeňlişsiz gelýän «Roma» öz meýdançasynda «Monzanyň» derwezesinden jogapsyz 4 pökgi girizdi.

**Fransiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri PSŽ myhmançylykda «Liony» Hakiminiň 2, Dembeleniň 1 goly bilen 3-2 hasabynda ýeňip, ýeňlişsiz ýörişini dowam etdirdi. 2-nji ýerdäki «Marsel» toparynyň myhmançylykda «Oserden» 3–0 hasabynda utulmagy, tapgyryň geň galdyran netijesi boldy. Soňky ýarym sagady 1 oýunçy kem oýnan «Marseliň» derwezesinden gollary Perren bilen Žubal (2) geçirdi. «Lill» bilen «Monakonyň» arasyndaky oýun 2–1 hasabynda ýer eýeleriniň peýdasyna tamamlandy. «Lilliň» gollarynyň 2-sini hem Haraldsson öz adyna ýazdyrdy.

**Germaniýanyň çempionatynda** «Bawariýa» öz meýdançasynda 3-nji ýerdäki «Aýntrahtdan» 4–0 hasabynda üstün çykdy. Münhenlileriň gollaryny Olise, Ito, Musiala hem-de Gnabri geçirdi. Çempion «Baýer» myhmançylykda «Holştaýny» Şik hem-de Adliniň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Öz meýdançasynda «Union Berlini» 6–0 hasabynda ýeňen «Borussiýa Dortmund» soňky duşuşyklardaky şowsuz netijeleriň ahmyryny çykardy. Dortmundlylaryň gollarynyň 4-sini Seru Girassi öz adyna ýazdyrdy. Öňdäki orunlara dyrjaşýan «Fraýburg» hem öz meýdançasynda Grifo we Doanyň hersiniň 2 gol geçiren duşuşygynda «Werderi» 5-0 hasap bilen ýeňdi.

**Ispaniýanyň çempionatynda** öňdebaryjylaryň ählisi-de 25-nji tapgyry ýeňiş bilen tamamlady. «Barselona» myhmançylykda «Las Palmasy» Olmo hem-de Torresiň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. 1-nji oýunda «Las Palmas» myhmançylykda ýeňiş gazanyp, «Barselona» şol ýeňlişiň aryny aldy. «Real Madrid» hem öz meýdançasynda «Žironany» 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Gollary 39 ýaşyndaky Modriç bilen braziliýaly ýyldyz Winisius Junior geçirdi. Madridiň «Atletikosy» myhmançylykda «Walensiýany» argentinaly ýyldyzlarynyň – Hulian Alwares (2) hem-de Anhel Korreanyň gollary esasynda 3–0 hasabynda utdy.

Bu 3 toparyň söbügini basyp gelýän Bilbaonyň «Atletik» topary-da myhmançylykda «Walýadolidi» 7–1 hasabynda ýeňdi. 1 oýunçysy gyzyl kart alan «Walýadolidiň» derwezesinden gollaryň 2-sini Niko Williams, beýlekileri-de Hauregisar, Sennadi, Sanset, Guruseta hem-de Iniaki Williams geçirdi.



Seru Girassi



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

NUR ÝÜPEK

«NUR ÝÜPEK» dükanlarynda 2025-nji ýylyň 20-nji fewralyndan 31-nji marty aralygynda ähli matalarymyza 40%-e çenli arzanladyş!





«NUR ÝÜPEK» dükanlarynyň salgylary:

Aşgabat: 10 ýyl Abadançylyk köçesi, «Türkmenhowaýollary» jaýy, 1-nji gat.
«Aşgabat» SDAM, 2-nji gat, blok B, B-2. 29-njy dükan.
«Garaşsyzlygyň 15 ýyllygy» SM, zemin gat, 0073-nji dükan.
«Altyn asyr» Gündogar bazary, blok B1, 173-nji dükan.

Daşoguz: «Rysgal» söwda merkezi.

Lebap: Türkmenabat ş. 5-nji bazar.
«Gök» bazary, «Dostluk» söwda merkezi.

Tölegler islendik görnüşde kabul edilýär.

Eltip bermek hyzmatlarymyz bar.

«NUR ÝÜPEK» SENIŇ ÜÇIN!

Habarlaşmak üçin telefon belgimiz: 21-63-20

S/B: 503122523343

HALY DÜKANYMYZA HOŞ GELDIŇIZ!




Balkanabat ş.
+993 64 96-51-67
Aşgabat ş.
+993 62 66-11-00
Mary ş. Aýlaw ýoly
+993 63 07-91-70
Mary ş. Murgap ýoluň ugry
+993 62 20-70-60
Türkmenabat ş.
+993 64 70-06-68
Daşoguz ş.
+993 64 84-67-53
Tejen ş. +993 63 91-28-82

TMT Eger haly laýyk bolmasa, gysga wagtyň içinde çalşyp bilersiňiz
Siz elmydama halyny satyn almazdan öň görüp bilersiňiz
200-den gowrak görnüş
Bezegçiniň hyzmaty
Kesmek we owerloklamak
Ölçäp bermek hyzmaty mugt
Eltip bermek hyzmaty mugt
Menejerler eltip bermek üçin size amatly bolan wagty saýlaýar
2008-nji ýyldan bäri bazarlarda öňdebaryjy orny eýeledik




Aşgabat ş. 2127 G.Gulyýew köçesiniň ugrundaky «Ýaş türkmenler» söwda toplumy, «Arzuw Haly» dükany.

Iş wagty: 8:30-dan 20:30-a çenli
Arakesme diňe anna güni 13:30-dan 15:00-a çenli

Balkanabat şäheri, kw. 89, Gara Ahun metjidiniň ýany, «Arzuw Haly» dükany.
Mary şäheri, Murgap gara ýolunyň ugry, «Arzuw Haly» dükany.
Türkmenabat şäheri, Azatlyk köçesi, 3-nji kwartal «Saraý» söwda merkezi, «Arzuw Haly» dükany.
Daşoguz şäheri, Bitaraplyk köçesi, «Arzuw Haly» dükany.
Mary şäheri, Obýezdnoý ýolunyň ugry, «Arzuw Haly» dükany.

ARZUW HALY

Adamlara mähirli, mylakatly bolmak ýakymlydyr – şonuň üçin biz has gowy hyzmat etmäge çalyşýarys

ashgabat_arzuw_haly ashgabat_arzuw_haly arzuwhalyashgabat@mail.ru

S/B: 604122509010

Gadyrly gelin-gyzlar! Sizi Halkara zenanlar güni – 8-nji mart baýramy bilen gutlaýarys we «SKY JEWELRY» dükanymyzda milli kümüş şaý-sepleri hödürleýäris!




Baýramçylyk mynasybetli 9-njy marta çenli -35% -40% ARZANLAŞYK YGLAN EDÝÄRIS!

Salgymyz: Aşgabat şäheri, Bitarap Türkmenistan şaýoly, «Zümerret» zergärçilik merkezi, (1-nji gat, sag blok, 1-nji dükan)

+993 65 81-63-99, +993 65 56-72-15, +993 64 47-44-54, +993 12 95-52-38.

settar8118@gmail.com __SKY__JEWELRY__

S/B: 102122513005

SPORT

# KUBOK ÝARYŞLARY

**«Ýuwentus» ýaryşdan çykdy.** Italiýanyň Kubogy ýaryşynda çärýek finalyň soňky 2 duşuşygynda «Inter» öz meýdançasynda «Lasiony» 2–0 (Arnautowiç 39, Çalhanoglu 77 p) hasabynda ýeňip, ýarym finalda «Milanyň» bäsdeşi boldy. Esasy wagty 1–1 (Turam 66 — Maleh 24) hasabynda tamamlanan duşuşykda «Empoli» myhmançylykda «Ýuwentusy» penaltileriň netijesinde 4–2 hasabynda ýeňip, taryhynda ilkinji gezek ýarym finala çykdy. «Empoli» ýarym finalda «Bolonýa» bilen duşuşar. «Ýuwentusa» 6 ýyldan soň ilkinji gezek ýarym finala çykmak başartmady. Ýarym final oýunlary 2-nji we 23-nji aprelde oýnalar.

● **Soňky ýarym finalçylaram belli boldy.** Germaniýanyň Kubogy ýaryşynda-da soňky 2 ýarym finalçy belli boldy. «Arminiýa Bilefeld» öz meýdançasynda «Werderi» 2–1 (Wörl 35, Malatini 41 ö.d. — Burke 56), «Leipsig» bolsa «Wolfsburgy» Benýamin Şeşkonyň 69-njy minutda penaltiden geçiren ýeke-täk goly esasynda ýeňdi. Bu 2 topardan öň «Ştutgart» bilen «Baýer» ýarym finala çykypdy. Ýarym finalyň bijeleri 2-nji martda çekilip, duşuşyklar 1–2-nji aprelde geçiriler.

● **4-nji we 2-nji liganyň klublary ýarym finalda.** Fransiýanyň Kubogy ýaryşynda-da ýarym finala çykan toparlaryň ählisi belli bolup, 4-nji ligadan «Kann», 2-nji ligadanam «Dýunkerk», şeýle-de, «Ligue 1»-de çykyş edýän «Reýms» bilen PSŽ iň gowy 4-lüge atlaryny ýazdyrdylar. PSŽ myhmançylykda 4-nji liganyň wekili «Stad Brioşen» toparyny 7–0 hasabynda utdy. Gollaryň 3-sini Gonzalu Ramuş (36, 49 p, 58), beýlekileri-de Neweş (16), Due (55), Maýulu (66) hem-de Dembele (85) geçirdi. «Anže» bilen «Reýmsiň» arasyndaky duşuşygyň esasy wagty 1–1 hasabynda gutaryp, penaltilerde «Reýms» 5–3 öňe saýlandy. Öz meýdançasynda «Dýunkerk» toparyny kabul eden «Brest» 2–0 öňe geçendigine garamazdan, 3–2 hasabynda ýeňildi (Sasso 65, Sangante 80, 84 — Lage 45, Ýussuf 59 ö.d.). 4-nji ligada çykyş edýän «Kann» öz meýdançasynda 2-nji liganyň kluby «Gengamy» 3–1 hasabynda utdy.



● **8 gol geçirilse-de ýeňiş gazanan bolmady.** Ispaniýanyň Şa Kubogynda ýarym finalyň 1-nji duşuşyklary geçirilip, «Barselona» öz meýdançasynda «Atletiko» bilen 4–4 hasabynda deňme-deň oýnady (Pedri 19, Kubarsi 21, Martines 41, Lewandowski 74 — Alwares 1, Grizmann 6, Llorente 84, Sörlot 90+3). «Real Madrid» bolsa, myhmançylykda «Real Sosiedady» Endrigiň 19-njy minutdaky ýeke-täk goly esasynda utdy. Jogap oýunlary 2-3-nji aprelde oýnalar.